TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ ÝURDUMYZ ÝAPONIÝA UZAK MÖHLETLI, YGTYBARLY WE DURNUKLY HYZMATDAŞ HÖKMÜNDE GARAÝAR. ÝAPONIÝANYŇ KÖP SANLY IŞEWÜR TOPARLARY TÜRKMENISTANYŇ ÝANGYÇ-ENERGETIKA, GURLUŞYK, ULAG PUDAKLARYNDA IRI MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNY DURMUŞA GEÇIRMÄGE IŞJEŇ GATNAŞÝARLAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
19-njy dekabr, 2025. Belgisi 51/1669



# «MERKEZI AZIÝA – ÝAPONIÝA» DIALOGYNYŇ BIRINJI SAMMITI GEÇIRILÝÄR

**17-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» dialogynyň birinji sammitine gatnaşmak üçin iş sapary bilen Ýaponiýa ugrady. Tokio şäheriniň Haneda Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyz mähirli garşylanyldy.**

Häzirki döwürde däp bolan dostlukly türkmen-ýapon gatnaşyklary strategik hyzmatdaşlygyň aýdyň nusgasy bolup durýar. Özara hormat goýmak we deňhukuklylyk ýörelgeleri giň möçberli bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin berk binýat bolup hyzmat edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň daşary syýasaty özara ynanyşmagyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýan köpugurly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berýär.

2009-njy ýylyň dekabr aýynda Gahryman Arkadagymyzyň Ýaponiýa amala aşyran ilkinji resmi sapary döwletara gatnaşyklary düýpli özgerden aýratyn tapgyr boldy. Bu sapar diňe bir ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açmak bilen çäklenmän, eýsem, uzak möhletleýin senagat hyzmatdaşlygynyň konsepsiýasynyň hem binýadyny goýdy. Türkmenistan we Ýaponiýa halkara guramalaryň meýdançasynda ählumumy durnukly ösüşiň bähbidine yzygiderli hyzmatdaşlyk edýärler. «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» dialogynyň çäklerindäki işjeň hyzmatdaşlyk munuň aýdyň mysalydyr.

Tokioda ilkinji gezek liderler derejesinde geçirilýän «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» dialogynyň sammitine Ýaponiýanyň Premýer-ministri Takaiti Sanae ýolbaşçylyk edýär.

Halkara tertibini saklamakda we berkitmekde hyzmatdaş bolan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda geçirilýän sammitde Liderler sebitiň özbaşdak we durnukly ösüşini mundan beýläk-de ilerletmek barada pikir alşarlar.

Şeýle hem Premýer-ministr Takaiti Sanae bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Prezidentleriniň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň geçirilmegine garaşylýar. Duşuşyklarda beýleki meseleler bilen birlikde ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmak we halkara gün tertibi barada pikir alşylar.

Sammit Ýaponiýa bilen Merkezi Aziýa ýurtlaryna özara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge we birek-birege peýdaly gatnaşyklary has-da berkitmäge mümkinçilik berer.

Sammitiň çäginde Ýaponiýanyň Ykdysadyýet, söwda we senagat ministrliginiň goldawy bilen «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» atly Işewürlik forumy geçiriler. Forumda sebitiň ýurtlary bilen Ýaponiýanyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary maslahatlaşylar.

Milli bähbitleriň özara baglanyşygy häzirki wagtda sebitiň energetika we ekologiýa gün tertibini kesgitleýän ägirt uly taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde öz beýanyny tapýar. «Kawasaki Heavy Industries», «Mitsubishi Corporation», ITOCHU, «Sojitz» ýaly öňdebaryjy ýapon kompaniýalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlygyň netijesinde sebitde deňi-taýy bolmadyk önümçilik kärhanalary döredildi. Ahaldaky tebigy gazdan ekologik taýdan arassa benzin öndürýän zawod şeýle hyzmatdaşlygyň aýdyň mysallarynyň biridir. Gyýanlyda polimer zawodynyň, Garabogazda karbamid zawodynyň işe girizilmegi bu strategiýanyň dowamy boldy. Bu taslamalar Türkmenistanyň eksport kuwwatyny pugtalandyrmak bilen bir hatarda, milli ykdysadyýetimiziň senagat taýdan ösüşiniň täze tapgyryny alamatlandyrdy.

Ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Aşgabatda ýapon bilim standartlary boýunça işleýän Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň açylmagy uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk üçin hünärmenleriň täze neslini taýýarlamakda wajyp ädim boldy. Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýapon diliniň öwredilmegi, türkmen ýaşlarynyň Ýaponiýanyň öňdebaryjy uniwersitetlerinde hünär tejribeligini geçmekleri iki ýurduň ýaş nesillerini baglanyşdyrýan intellektual köpri bolup hyzmat edýär.

Hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa şu gezekki sapary şu ýylyň dowamynda bu ýurda amala aşyrýan ikinji saparydyr. Mälim bolşy ýaly, aprel aýynda döwlet Baştutanymyz Ýaponiýa sapary amala aşyryp, onuň dowamynda «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabara gatnaşdy, şeýle-de ýokary derejedäki duşuşyklary geçirdi. Ýeri gelende bellesek, ýurdumyzyň milli pawilýony bu giň möçberli sergide ilkinji bolup açyldy we iň gelim-gidimli pawilýonlaryň biri boldy. Umuman, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan netijeli türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilip, dürli ulgamlarda täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar.



## TÜRKMENISTAN Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmegi teklip edýär

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk derejesine ygrarly bolmak bilen, bu ýörelgäni ählumumy parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmegiň gurallaryny öwrenmek üçin halkara ylmy we bilim platformasyna öwürmäge çalyşýar. Şol maksat bilen, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmek baradaky strategik başlangyjy öňe sürdi.

Bu başlangyç hormatly Prezidentimiz tarapyndan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilen halkara forumda dünýä jemgyýetçiligine yglan edildi. ■ 3



## TÜRKMEN ALABAÝY ÝUNESKO-nyň sanawynda

**Halkymyzyň durmuşynda türkmen alabaýlary möhüm orny eýeleýär. Geçmişde hem türkmen halky bu tohum itlere aýratyn üns berlipdir. Alabaý iti biziň köpsanly milli gymmatlyklarymyzyň biridir. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Türkmen alabaýy» atly kitabynda: «Alabaý – biziň milli buýsanjymyz. Alabaý – biziň Watanymyzyň baýlygy. Ol biziň ata-babalarymyzyň döreden milli gymmatlygy. Ony gorap saklamak, ähli ajaýyplygy bilen geljek nesillerimize ýetirmek biziň borjumyz» diýip belleýär.**

**Täze taryhy döwrümizde Halkara türkmen alabaý itleri assosiasiýasynyň döredilmegi, ýurdumyzyň sebitlerinde türkmen alabaý itleriniň tohumçylyk-seçgiçilik işi we olary saklap köpeltmek üçin binalar toplumlarynyň gurluşygyna ähmiýet berilmegi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.** ■ 3



## TÄZE ÝYLA uly üstünlikler bilen

Ýurdumyzda her ýyly üstünlikli jemläp, geljek ýyly mynasyp zähmet gadamlary bilen garşylamak asylly ýörelgä öwrüldi. Tamamlanyp barýan 2025-nji ýyl hem ajaýyp öňegidişlikleriň ençemesini ykbalymyza bagyş etdi. Tamamlanýan ýylyň netijeleri bolsa, ýetip gelýän 2026-njy ýylyň hem uly rowaçlyklara beslenjekdigini delillendirýär.

Ýakynda paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň birinde ýerleşýän «Älem» medeni-dynç alyş merkezinde Täze ýyl baýramynyň hormatyna ýurdumyzyň Baş arçasynyň yşyklaryny ýakmak dabarasy geçirildi. Ýaşyl donly arçalaryň dürli öwüşginleri merjen şäherimiz Aşgabadyň görküne görk goşýar. ■ 3

## Şa serpaýyňyz gutly bolsun, hormatly ýaşlar!

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym-bilim hem-de sport ulgamlaryny ösdürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, sagdyn, berk bedenli hem-de ylymly-bilimli ýaşlary kemala getirmek babatda döwlet ähmiýetli işler durmuşa geçirilýär.***

Ýurdumyzda ylmyň we bilimiň döwrebap derejede ösdürilmegi, bedenterbiýäniň we sportuň işjeň wagyz edilmegi netijesinde sagdyn durmuş ýörelgesiniň rowaç bolmagy, şeýle-de sport boýunça halkara hyzmatdaşlygyň has-da giňeldilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri boldy.

Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda döwrebap mekdepleriň, köpugurly stadionlaryň, bedenterbiýe we sagaldyş toplumlarynyň, sport mekdepleriniň bina edilmegi ýaş nesliň sagdyn, ylymly-bilimli bolmagyny gazanmakda alnyp barylýan işleriň aýdyň beýanydyr.

Döwletimiz tarapyndan uly üns bilen gurşalyp alnan ýaşlar öz ukyp-başarnyklaryny dünýä derejesinde gazanan üstünlikleri bilen görkezýärler. Ýurdumyzda mekdep okuwçylaryny hem-de ta-



lyplary, şeýle hem türgenleri sylaglamak döwlet syýasatynyň möhüm bölegi bolup, halkara bilim bäsleşiklerinde, sport ýaryşlarynda baýrakly orunlary eýelän türgenlerdir mekdep okuwçylary hem-de talyplar yzygiderli sarpalanýar.

15-nji dekabrda paýtagtymyzyň Başa-baş söweş sungaty binasynda şu ýylyň dowamynda halkara ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlary eýelän mekdep okuwçylaryna, talyplara, şeýle hem halkara sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş eden türgenlere we ussat tälimçilere Şa serpaýlary ýapyldy. ■ 2

## «Ýylyň parlak ýyldyzy» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi

***17-nji dekabrda Türkmenistanyň Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynda «Ýylyň parlak ýyldyzy» atly aýdym-saz bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi.***

Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti hem-de Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi bilen bilelikde guralan şu gezekki bäsleşige ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan, Aşgabat we Arkadag şäherlerinden tomaşaçylar köpçüliginiň öňünde öz ussatlygyny görkezmek isleýän 17-35 ýaş aralygyndaky zehinli ýaş estrada aýdymçylary gatnaşdylar. Welaýat we şäher derejesinde birnäçe saýlama tapgyrlarda geçirilen döredijilik bäsleşigine ýaş zehinleriň köpüsiniň gatnaşandygyny bellemek gerek. Deslapky tapgyrda teletomaşaçylaryň we radiodiňleýjileriň köp sanlysy iň zehinli aýdymçylara ses berdiler. Emin agzalary bäsleşige gatnaşýanlaryň içinden aýdym aýtmak, ýerine ýetirijilik babatda has tapawutlanan, tomaşaçylaryň söýgüsini gazanan hem-de has köp ses toplan dalaşgärleri saýlap aldylar.




Bäsleşigiň jemleýji tapgyrynyň netijeleri, esasan, tomaşaçylaryň berýän seslerine gönüden-göni baglydyr. Jemleýji tapgyra çykan aýdymçylaryň hatarynda tomaşaçylar köpçüliginiň arasynda tanalýan aýdym-saz toparlarynyň aýdymçylary, ýokary okuw mekdepleriniň çeper höwesjeňler gurnaklaryna gatnaşyjylar, oba ýerlerinden gelen, uly sahnada ilkinji gezek çykyş edýän zehinli aýdymçylar bar. ■ 2



### Nobel baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi

Şwesiýanyň paýtagty Stokgolm şäherinde 2025-nji ýylyň fizika, lukmançylyk, himiýa, ykdysadyýet we edebiýat ugurlary boýunça Nobel baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. ■ 4



### Gyş paslyny ýatladýan miwe

Gyş paslynyň gelmegi bilen köp iýilýän miweleriň biri hem mandarin bolsa gerek. Sitrus miweleriniň bir görnüşi bolan bu miwe hoşboý ysy we işdäňi açyjy süýjümtik tagamy bilen tapawutlanýar. ■ 5



### «The Best FIFA Awards – 2025»-iň ýeňijileri mälim edildi

Dünýä futbolynyň iň uly guramaçysy bolan FIFA ýylyň ökdelerini saýlady. Kataryň paýtagty Dohada geçirilen dabarada Usman Dembele 2025-nji ýylyň iň ökde futbolçysy diýlip saýlandy. ■ 7



### «Kesearkajyň düzünde» aýdymy bilen adygan

Ömrüni sungata bagyşlan Geldi Myratnazarow abadan, parahat ýurdumyza, bagtly çagalaryna we agtyklaryna guwanyp, eşretli durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar. ■ 8



# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara çäreleriň üstünlikli geçirilmegi mynasybetli halkymyza GUTLAGY

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 12-nji dekabrynda biz hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýuny giňden belläp geçdik.

Hemişelik Bitaraplyk jebisligimiziň, abadançylygymyzyň esaslaryny düzýän taglymatymyzdyr. Hemişelik Bitaraplygymyz biziň milli buýsanjymyzdyr, parahatçylygyň, ynanyşmagyň şöhratly ýoludyr. Bagtyýar halkymyzyň agzybirligi bilen, geçen 30 ýylyň içinde hemişelik Bitaraplygymyzyň binýadyny has-da berkitmek boýunça taryhy işler durmuşa geçirildi. Şu günümiziň we geljegimiziň aýdyň bolmagy üçin ägirt uly işler bitirildi, belent sepgitlere ýetildi. Elbetde, munuň aňyrsynda Watana bolan söýgimiziň, halal zähmetimiziň, yhlasymyzyň durandygyny unutmaly däldiris.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy hem-de Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli, hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandym. Munuň özi türkmen halkynyň meniň zähmetime beren ýokary bahasy bolup durýar. Şoňa görä-de, ýubileý medalynyň gowşurylmagyny mähriban halkymyň maňa bildirýän uly ynamy, alyp barýan işlerimiziň ykrar edilmesi hökmünde kabul edýärin. Bu uly sylag mähriban halkymyň, berkarar Watanymyzyň abadançylygy we gülläp ösmegi ugrunda güýjümi gaýgyrman, tutanýerli işlemäge borçly edýär.

***Hormatly adamlar!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ata Watanymyzda uly üstünlikler gazanyldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üçünji gezek ykrar edildi. Bu bolsa hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyny toýlaýan ýylymyzyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi döwletimiziň şan-şöhratyny has-da beýgelden wakalaryň biri boldy.

Ýurdumyzda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet topary döredildi. Topara ýolbaşçylyk etmek bilen, ýurdumyzyň abraýyna abraý goşýan köp sanly çäreleri üstünlikli geçirdik.

Gün-günden gözel keşbe girýän, özboluşly binagärlik gurluşy bilen tapawutlanýan paýtagtymyz Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizildi. Munuň özi Aşgabat şäherini ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleriň halkara derejede ykrar edilýändigininiň aýdyň beýanydyr.

Ýakynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahat ýokary derejede geçirildi. Bu maslahat ýurdumyzda dürli kärde zähmet çekýän zenanlaryň zähmetine uly hormat goýulýandygyny, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilýändigini ýene-de bir gezek görkezdi.

12-nji dekabrda Aşgabat şäherinde döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň derejesinde halkara forum hem üstünlikli geçirildi. Dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmekde möhüm ähmiýete eýe bolan bu halkara forum ýylyň esasy syýasy wakalarynyň biri boldy. Bu iri çäre ýurdumyzyň Bitaraplyga, parahatçylyk söýüjilige esaslanýan daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiliginde giňden goldanylýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady. Umuman, bu halkara çäreler ata Watanymyzyň şan-şöhratyny beýgeltdi, halkara abraýyny has-da artdyrdy.

Pursatdan peýdalanyp, mähriban halkymyzy hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy hem-de halkara çäreleriň üstünlikli geçirilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Eziz watandaşlar!***

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitaby biziň ählimiz üçin uly sowgat boldy. Kitapda Bitaraplyk taglymatymyz, dünýäde parahatçylygy we ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatymyz hakynda täsirli maglumatlar jemlenipdir. Onda ýurdumyzyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa esaslanýan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ähmiýeti giňden beýan edilýär. Hormatly Prezidentimizi «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medalyna mynasyp bolmagy hem-de täze eseriniň neşir edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Taryhyň ýene-de bir ýyly tamamlanyp barýar. Täze ýyl baýramy hem ýetip gelýär. Geljek ýyl Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýylydyr. Biziň bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjydyr, gymmatly baýlygydyr, beýik ösüşlerimiziň nyşanydyr. Şoňa görä-de, ýetip gelýän bedew ýyly düşümli bolsun! «At – myrat» diýlişi ýaly, täze ýyl bagtyýar halkymyzy maksat-myradyna ýetirsin! Berkarar döwletimize rysgal-bereket getirsin! Geljek ýylda hem uly üstünlikler, bagtyýar günler mundan beýläk-de dowamat-dowam bolsun!

## Özbaşdak hereket edýän ýolagçy gämisi

Ýaponiýada özbaşdak hereket edip bilýän ýolagçy gämisi ulanmaga berildi. «Olympia Dream Seto» atly suw ulagy «Nippon» gaznasy tarapyndan işlenip taýýarlanypdyr. Bu gämi bilen Okaýama prefekturasyndaky adybir port bilen Şodosima adasyndaky Tonoşo portlarynyň arasynda gatnaw amala aşyrylyp başlandy. Gämide geçirilen metbugat ýygnagynda çykyş eden gaznanyň ýolbaşçysy Mitsuýuki Unno bu ösüşiň ýurtda işçi güýji meselesine çözgüt bolup biljekdigini mälim etdi. Bellenilişi ýaly, şeýle taslamalar uzakdaky ilatly adalara gatnawy üznüksiz dowam etdirmäge ýardam eder. 50-den gowrak kompaniýanyň gatnaşmagynda gurlan gämi adamyň säwligi sebäpli ýüze çykyp biljek päsgelçilikleri hem aradan aýyrmaga ýardam eder. Gämi 500 orunlyk bolup, gitjek wagtyny, ugruny we barjak ýerini awtomat usulda özi saýlaýan hem bolsa, bir kapitan oňa gözegçilik edýär.



**Baýjan BÄHBIDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Dünýäniň iň çet ýerine bardy

Alymlar Ýeriň barmasy iň kyn ýerleriniň biri hasaplanýan Gündogar Antarktidadaky buz gatlaklaryny ölçemegi başardylar. Alymlaryň özleri baryp bilmese-de, özbaşdak hereket edýän enjamy ol ýere eltmegi başardylar. Awstraliýanyň milli bilim guramasynyň (CSIRO) işläp taýýarlan «Argo» atly suwasty roboty buzy deşip geçmek üçin niýetlendi. Enjam jemi 300 kilometr ýol geçip, suwuň temperaturasyny, duzlulyk möçberini, basyşy, kislorod möçberini we beýleki maglumatlary toplady. Şeýle hem robot sebitde daşky gurşawyň ýagdaýyny bilmek üçin ähmiýetli hasaplanýan Şeklton we Denmen buz ýalpaklyklaryndan hem maglumat toplady. Çuňlugy 10 metrlik suwuň ýüzündäki buz gatlagy global maýylganlygy öwrenmekde ähmiýetli hasaplanýar.



**Rustam HUDAÝNAZAROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## 800-nji uçaryny öndürdi

Ýewropanyň «Airbus» kompaniýasy Hytaýyň Týanszin şäherindäki önümçilik desgasynda gurlan 800-nji uçaryny «Air China» awiakompaniýasyna gowşurdy. Şeýlelikde, Ýewropanyň daşyndaky önümçilikde täze sepgide ýetildi. 2008-nji ýylda ulanmaga berlen bu desga «Airbus»-yň Ýewropanyň daşyndaky ilkinji ýygnaýjy desgasydyr. Kompaniýa golaýda bu ýerdäki zawodyny has-da giňeldip, A320 uçarlaryny öndürýän ikinji konweýeri işe girizipdi. Şeýlelikde, kompaniýa Aziýa-Ýuwaş ummany sebitindäki sargytlary has gysga wagtda ýerine ýetirmegi meýilleşdirýär.



**Gunça KIÇIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Iri güýmenje desgasy gurlar

Rumyniýanyň paýtagty Buharestiň golaýynda dünýäniň iň uly güýmenje desgalarynyň biri gurlar. «Dracula-Land» atly taslamany durmuşa geçirmek üçin 1 milliard ýewro sarp ediler. Toplumyň 2027-nji ýylda gurlup ulanmaga berilmegine garaşylýar. Şäheriň Halkara howa menziliniň golaýynda guruljak toplum 160 gektar meýdany eýelär. Taslamanyň çäklerinde meýdany 780 müň inedördül metr bolan güýmenje seýilgähi, 22 müň 500 orunlyk konsert we elektron sport arenasy, jemi 1 müň 200 otagly 3 sany myhmanhana, 50 müň inedördül metr meýdany eýeleýän suw toplumy, söwda merkezi, uzynlygy 4,5 kilometrlik ýaryş ýodasy we müňden gowrak iş orny boljak tehnologiýa merkezi gurlar. Toplumyň ýylda 3 million myhmany kabul etmegine garaşylýar. Bu ýerde 5 müňden gowrak adam zähmet çeker.



**Idris HAJYÝEW,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy.*

## Şa serpaýyňyz gutly bolsun, hormatly ýaşlar!

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz ýurdumyzda ýaşlar üçin ähli şertler döredilýär, tejribeli mugallymlar we ussat tälimçiler bolsa ýaş nesilleriň dürli ugurlarda üstünlikleri gazanmaklary üçin netijeli işleri alyp barýarlar.




2025-nji ýylyň dowamynda abraýly halkara ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan mekdep okuwçylaryny döwlet derejesinde sylaglamaga hödürlemegiň sanawy düzülende, olaryň gatnaşan bäsleşikleriniň hereket edýän reýtinglerdäki derejesinden, şonuň ýaly-da, olara gatnaşan ýurtlaryň sanyndan ugur alyndy.

Dünýä derejeli olimpiadalarda üçünji orna hem-de bürünç medala mynasyp bolan okuwçylaryň her birine 40 müň manat, ikinji orna hem-de kümüş medala mynasyp bolan okuwçylara 70 müň manat möçberde pul baýragy, üçünji orna hem-de bürünç medala mynasyp bolan talyplara 40 müň manat, ikinji orna hem-de kümüş medala mynasyp bolan talyplara 70 müň manat möçberde pul baýragynyň gowşurylmagy türkmen ýaşlarynyň şatlygyny goşalandyrdy.

Halkara olimpiadalarda birinji orna hem-de altyn medala mynasyp bolan talyplara 100 müň manat möçberdäki pul baýragynyň, ýokary netijeleri gazanan okuwçylary we talyplary taýýarlan mugallymlaryň her birine 100 müň manat möçberinde pul baýragynyň gowşurylmagy uly ähmiýete eýe boldy.

Şeýle hem türkmen türgenleri gazanan üstünlikleri boýunça gymmat bahaly sylaglardan paýly boldular. Halkara ýaryşlarda altyn medala mynasyp bolan türgenlere 2025-nji ýylda goýberilen, ak reňkli «Toyota Camry HEV 2.5L» kysymly ýeňil awtoulagyň açarynyň gowşurylmagy, ikinji we üçünji orny eýelän türgenlere degişlilikde 40 müň manat hem-de 70 müň manat möçberinde pul sylaglarynyň gowşurylmagy ýurdumyzda türgenlere goýulýan uly hormatyň nyşanydyr. Ýaryşlarda bürünç we kümüş medallara mynasyp bolan türgenleri taýýarlan tälimçileriň her birine 70 müň manat möçberinde pul baýragy gowşuryldy. Halkara ýaryşlarda altyn medala mynasyp bolan türgenleri taýýarlan tälimçilere «Toyota Camry HEV 2.5L» kysymly ýeňil awtoulagyň açary gowşuryldy.

Tamamlanyp barýan ýylda geçirilen bu dabaraly çäre täze sport hem-de ylym-bilim ulgamyndaky üstünlikleriň oňyn başlangyjy boldy.

**Orazniýaz KERIMOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Ildeşlerimiz Dünýä Kubogy ýaryşynda üstünlikli çykyş etdiler

Golaýda Türkiýäniň Antalýa şäherinde höwesjeň oglan-gyzlaryň arasynda geçirilen Uniwersal söweş (laýt we nusgawy) Dünýä Kubogy ýaryşynda ildeşlerimiz üstünlikli çykyş etdiler. Bu ýaryşa dünýäniň 25 döwletinden 300 töweregi türgen gatnaşdy. Ýurdumyzyň adyndan hem 4 türgen wekilçilik edip, olar 5 altyn, 2 kümüş, 1 bürünç, jemi 8 medal bilen Watanymyza dolandylar.

Aşgabat şäherindäki 18-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy Guwançmyrat Döwletmyradow 2 altyn medala mynasyp boldy. Ol 16-17 ýaşly oglanlaryň arasynda 95 kg agram derejesinde çykyş edip, laýt hem-de nusgawy görnüşlerde altyn medallary eýelemegi başardy.

Aşgabat şäherindäki 50-nji orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Daýançmyrat Döwletmyradow hem agasy Guwançmyrat ýaly 2 altyn medal gazandy. Ol 14-15 ýaşly oglanlaryň arasynda 65 kg agram derejesinde laýt hem-de nusgawy görnüşde münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.

Türkmenistanyň Hanmudo söweş sungaty federasiýasynyň türgeni Hezredaly Meredaliýew 70 kg agramda altyn hem-de bürünç medallara mynasyp boldy. Ol nusgawy görnüşde 1-nji, laýt görnüşde-de 3-nji orny eýeledi.




Türkmenistanyň Hanmudo söweş sungaty federasiýasynyň başlygy Orif Buharkow 2 kümüş medal gazandy. Tejribeli türgen 95 kg agram derejesinde laýt hem-de nusgawy görnüşlerde münberiň 2-nji basgançagyna çykmagy başardy.

Türgenlerimiziň abraýly ýaryşlarda çykyş etmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen türgenleri barada edýän aladalary olary täze üstünliklere ruhlandyrýar.

## Dinozawryň aýak yzlary tapyldy

Italiýanyň Stelwiýo milli seýilgähinde 210 million ýyl taryhy bolan äpet dinozawryň aýak yzlary tapyldy. Gadymy jandarlaryň ýüzlerçe aýak yzy abat ýagdaýda saklanyp galypdyr. Olaryň käbiriniň ululygy 40 santimetre ýetýär. Ugurdaş birnäçe hatarda ýerleşen aýak yzlarynyň köpüsinde barmaklaryň we penjeleriň yzlary aýdyň görünýär. Alymlar bu yzlaryň uzyn boýunly, kiçi kelleli we ýiti penjeli, ot iýýän jandarlar bolan prozauropodlara degişlidigini çaklaýarlar. Bu yzlary şu ýylyň sentýabr aýynda Elio Della Ferrera atly fotosuratçy tapypdyr. Soňra ol ýerde alymlar has giňişleýin barlag geçiripdir. Bu dinozawrlaryň öň aýaklary bilen hem ýere basandyklary bellenilýär.



**Tyllagözel BABAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## «Ýylyň parlak ýyldyzy» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Iň ökde, zehinli ýerine ýetirijiler indiki tapgyra çykmak we «Türkmen owazy» teleýaýlymy arkaly giň köpçüligiň öňünde çykyş etmek mümkinçiligine eýe boldular. Bäsleşigiň ýeňijisini kesgitlemäge aýdym-saz sungatynyň ussatlary gatnaşdy.

Eminler hökmünde teletomaşaçylardyr radiodiňleýjiler çykyş etdiler. Olar ýerine ýetirijileriň zehinine, ussatlygyna baha berip, tapawutlanan aýdymçy üçin SMS ibermek we jaň etmek arkaly ses berdiler. Giň halk köpçüliginiň bu çärä gyzyklanmasy onuň jemleýji tapgyryna aýdym-saz sungatynyň iň ökde wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etdi. Olardan has tapawutlanan 10 aýdymçy jemleýji tapgyra gatnaşmaga saýlanyp alyndy. Emin agzalarynyň düzümindäki türkmen aýdym-saz sungatynyň meşhur sahna ussatlary, geçen ýyllardaky bäsleşikleriň ýeňijileri, medeniýet işgärleri, kompozitorlar, şahyrlar aýdymçylaryň çykyşlaryna baha bermek, bar bolan seslere öz sesini goşmak üçin ýygnandylar.

«Ýylyň parlak ýyldyzy» bäsleşiginiň şertlerine görä, oňa gatnaşyjylaryň her biri iki aýdym ýerine ýetirdiler. Olaryň biri sazsyz bolup, onda aýdymçylaryň sesiniň arassalygyna, owazyna üns berildi. Munuň özi olaryň şahsy artistlik ukybyny, tomaşaçylaryň göwnünden turmak başarnygyny ýüze çykarmaga ýardam berýär. Şunda aýdym-saz muşdaklarynyň el çarpyşmalary we diňleýjileriň hoşniýetli goldawlary sazyň ornuny tutdy. Şeýle-de bäsleşigiň dowamynda dürli žanrdaky häzirki zaman estrada we halk aýdymlary, söýgi, watançylyk aýdymlary ýaňlandy.

Tomaşaçylaryň SMS arkaly iberen sesleri netijesinde 2025-nji ýylda «Ýylyň parlak ýyldyzy»




döredijilik bäsleşiginiň ýeňijisi Göwher Hojimyradowa boldy we oňa göçme kubok hem-de gymmat bahaly sowgat gowşuryldy. Baş baýrakdan başga-da, bäsleşikde birinji, ikinji we üçünji orunlar göz öňünde tutuldy. Baýrakly orunlary eýelänleriň ählisine degişli diplomlar, ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, bäsleşigiň jemleýji tapgyryna gatnaşan ýaş estrada we höwesjeň aýdymçylar «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik kümüş nyşany bilen sylaglandy.

## Halkara parahatçylykda ýaşamak güni bellener

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň tamamlanyp barýan aýy halkara wakalara baý boldy. Paýtagtymyzda dünýä döwletleriniň we halkara guramalaryň ýokary derejeli wekilleri türkmen Bitaraplygynyň dünýä jemgyýetçiligine goşýan belent goşandyny ara alyp maslahatlaşdylar.



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara forumyň Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Şol resminamadan görnüşi ýaly, foruma gatnaşyjylar Türkmenistan döwletimiziň ählumumy parahatçylyga ýugrulan döredijilikli başlangyçlaryny makulladylar we biragyzdan kabul etdiler.

Bu möhüm ähmiýetli resminamada her ýylyň 16-njy maýyny «Halkara parahatçylykda ýaşamak güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnamany makulladylar.

2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» adynyň türkmen aňyýetine tebigy laýyk gelýändigini aýtmak gerek. Parahatçylykda ýaşamak, goňşyňa ynanmak we ýardam elini uzatmak islegi milletimize mahsus aýratynlykdyr. Hut şu ýörelgeden ugur alýan hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ähli ugurlardaky üstünliklerimiz, beýleki döwletler bilen dostlukly syýasy, medeni we ykdysady gatnaşyklarymyz hemmämizi buýsandyrýar.

**Leýli BÄŞEKOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Türkmenistan – GDA: hyzmatdaşlygyň täze basgançaklary

Hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän häzirki zamanyň derwaýys wezipelerine jogap berýän halkara başlangyçlarynyň we tekliplerininiň yzygiderli durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň dünýä we sebit syýasatyndaky ähmiýetli ornuny has-da berkidýär.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk derejesine laýyklykda, iri we abraýly halkara guramalaryň çäklerinde ähli gyzyklanýan taraplar bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Türkmenistan halkara we sebit guramalarynyň köp sanlysynyň agzasy bolmak bilen bir hatarda, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň assosirlenen agzasy hökmünde gurama agza döwletler bilen nusgalyk hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýar.

2026-njy ýylda Türkmenistan bu gurama başlyklyk etmek bilen, şol bir wagtda Döwlet Baştutanlarynyň Geňeşinde, Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşinde, Daşary işler ministrleriniň Geňeşinde, Ykdysady Geňeşinde, Arkalaşygyň agza döwletleriniň hemişelik ygtyýarly wekilleriniň Geňeşinde, Arkalaşygyň düzgünnamalaýyn we beýleki edaralarynda, şeýle hem GDA-nyň Ykdysady Geňeşiniň ýanyndaky Ykdysady meseleleri boýunça Komissiýasynda ýolbaşçylyk eder.

Ozal hem bu guramada üstünlikli başlyklyk eden Türkmenistan geljek ýylda-da özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, ulag we energetika taslamalaryny durmuşa geçirmek, bu ugurda häzirki zaman infrastrukturasyny döretmek babatda özüniň baý tejribesini agza döwletler bilen paýlaşyp, uly ösüşleriň gazanylmagyna goşant goşar.

**Ahmet ANNAMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Lukman maslahat berýär

Ynsanyň iň uly baýlygy saglygydyr. Şonuň üçin hem saglygymyzy goramalydyrys.

Köpetdaga ilkinji garyň ýagmagy gözel ülkämize gyş paslynyň gelendiginiň alamaty boldy. Bu pasly sagdyn geçirmek üçin siziň dykgatyňyza birnäçe maslahaty ýetirmegi makul bildik.

Bilşimiz ýaly, gyş pasly garly, ygally möwsümdir. Bu döwürde ýyly geýinmeli. Şeýle-de çyg eşikleri geýmekden saklanmaly. Çünki çyg geýlen egin-eşikler birnäçe keseliň döremegine sebäp bolýar. Egin-eşikler bedeni gysyp durmaly däl. Bedeniň dem almagy üçin rahat eginbaşlary saýlamaly. Gysýan aýakgaplary hem geýmeli däl. Sebäbi şeýle aýakgaplar gan aýlanyşynyň kadasyny bozýar.



Gyş paslynda burnuňdan dem almaly. Sebäbi burun geçelgelerinden geçýän howa bokurdaga barýança gyzýar, bu bolsa bokurdakda döräp biljek keselleriň öňüni alýar.

Gyş paslynda immunitetiň güýçli bolmagy zerurdyr. Şonuň üçin hem dogry iýmitlenmeli, wagtly-wagtynda ukyňy almaly. Bu möwsümde miweli içgileri köp içmek maslahat berilýär.

Gyşyň sowuk howasy bedenimizde deňagramsyzlygy döredýär, şonuň üçin hem gyzgyn içgileri içmek has peýdalydyr.

**Şeker ÇARYÝEWA,**
*Aşgabat şäheriniň 3-nji saglyk öýüniň baş lukmany.*

## Emeli aň senagaty ösýär

Hytaýyň Senagat we maglumat tehnologiýasy ministrliginiň garamagyndaky Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýasy akademiýasynyň (CAICT) Pekinde geçiren forumynda emeli aň tehnologiýasynyň geljegi barada maglumat berildi. Maglumatda emeli aň tehnologiýasy bilen bagly senagatyň umumy gymmatynyň geçen ýyl 900 milliard ýuandan (127,5 milliard amerikan dollary) geçendigi, tamamlanyp barýan ýylda 1,2 trillion ýuandan (170 milliard amerikan dollary) geçjekdigi bellenildi. Şu ýyl emeli aň modelleriniň dil ukyby 30 göterim, düşünmek ukyby 50 göterim artypdyr. Bellenilişine görä, bu tehnologiýa hakyky durmuşda öndüriji güýje öwrülip başlapdyr. Eýýäm bu tehnologiýa önümçilik pudagynda hem ulanylýar. Emeli aň bilen robotlaşdyrylan tehnologiýa utgaşdyrylyp, ýylyň dowamynda bu ugurda iş alyp barýan 350-den gowrak kompaniýa 40 milliard ýuan (5,6 milliard amerikan dollary) gönükdirilipdir.



**Meret GÖROGLYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 19-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117752
Belgisi: 51/1669
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**BMW-niň täze baş direktory.** BMW-niň Gözegçilik geňeşi 10-njy dekabrda Milan Nedeljkowiçi täze baş direktor wezipesine belledi. Ol bu wezipede köp ýyllardan bäri işläp gelýän Oliwer Zipseni çalyşdy. Bu wezipä bellenmek, nemes awtoulag öndürijisiniň kyn bazar şertlerinde täze nesil modellerini çykarmagy bilen baglanyşykly boldy. 56 ýaşly Nedeljkowiç indiki ýylyň 14-nji maýynda wezipesine girişer.



**Baş direktory çalyşýar.** «Coca-Cola» kompaniýasynyň baş direktory Jeýms Kwinsi wezipesinden çekilip, onuň ýerine geljek ýylyň mart aýynyň ahyrynda kompaniýanyň baş amaly direktory Enrike Braun geler. Jeýms Kwinsi ýerine ýetiriji başlygyň wezipesini alyp barar. Braun şu ýylyň başyndan bäri ýerine ýetiriji wise-prezident we baş amaly direktor wezipelerini eýeläp gelýär.



**Ýoluň gurluşygyna başlanar.** «Trampyň Halkara parahatçylygy we gülläp ösüşi üçin ýoly» (Zangezur geçelgesi) ulag ulgamynyň gurluşygy 2026-njy ýylda başlanar. Bu barada Ermenistanyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan mälim etdi. Ýatlap geçsek, 8-nji awgustda Waşingtonda Ermenistan bilen Azerbaýjanyň arasynda parahatçylyk we döwletara gatnaşyklaryň ýola goýulmagy baradaky şertnama hem-de TRIPP taslamasyna gol çekildi.



**Howadan suw alýan tehnologiýa.** Şanhaýyň Szýaotun uniwersitetiniň alymlary howadan agyz suwuny almagy öwrendiler. Bu tehnologiýanyň dürli howa şertlerinde, hatda pes çyglylykda-da netijelidigi habar berilýär. Alymlar öz oýlap tapyşlarynyň dünýäniň dürli künjeklerinde suw ýetmezçiligini çözmäge kömek etjekdigini aýdýarlar. Her gün 50 litre çenli agyz suwuny öndürip bilýän tehnologiýa howanyň üýtgemelerine gowy uýgunlaşýar.



**Rekord derejede girdeji gazanar.** Halkara howa ulaglary assosiasiýasy (IATA) 2026-njy ýyl üçin dünýäniň awiýasiýa senagatynyň maliýe çaklamasyny çap etdi. Awiakompaniýalaryň umumy arassa girdejisi 41 milliard amerikan dollaryna ýetip, 3,9% artar. Bu görkeziji iň ýokary 5 göterimden birneme pes, ýöne köp wagt bäri pes girdejileri bilen tapawutlanýan pudak üçin ýokary girdeji derejesini görkezýär.




**«Ýylyň döredijisini» mälim etdi.** «GQ Japan» žurnaly Hideo Kodzimany «Ýylyň adamy» derejesinde 2025-nji ýylyň iň gowy döredijisi diýip mälim etdi. «Bu dörediji diňe bir oýun döretmek bilen çäklenmän, eýsem, kino we interaktiw mediýanyň arasyndaky çäkleri aradan aýryp, düýbünden täze görnüşli güýmenjeleri oýlap tapdy. Häzirki wagtda ol biziň hyýalymyzdan has ýokary bolan innowasion eserleri döredýär» diýlip, beýanatda bellenýär.



**Kobeýniň gitarasy sowgat berildi.** Rok sazandasy Kurt Kobeýniň 1959-njy ýylda öndürilen, bahasy 6 million dollara deň bolan gitarasy Londondaky Korollyk saz kollejine (Royal College of Music) sowgat berildi. Bu saz guraly 1993-nji ýylda «MTV Unplugged» teleşowhunynda görkezildi. Sazanda aradan çykandan soň, gitara onuň gyzy Franses Bin Kobeýne geçdi. 2020-nji ýylda geçirilen auksionda gitarany Awstraliýanyň audiotehnologiýa kompaniýasynyň eýesi Piter Fridman satyn aldy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1997-nji ýylyň 19-njy dekabrynda ABŞ-da kanadaly režissýor Jeýms Kemeronyň «Titanik» filminiň ilkinji görkezilişi boldy. Bu film Jek bilen Rozanyň arasyndaky tolgundyryjy söýgi wakasy bilen tomaşaçylary özüne çekip, 11 ugur boýunça «Oskar» baýragyny aldy we öz döwrüniň iň köp girdeji gazanan filmine öwrüldi. Režissýor filmi «Titanik» atly gäminiň heläkçilige uçramagy bilen baglanyşykly taryhy maglumatlara esaslanyp döretdi. Filmde Leonardo Di Kaprio (Jek) we Keýt Winslet (Roza) baş keşpleri ýerine ýetirýärler.**



# Çiliniň täze Prezidenti

15-nji dekabrda Çilide geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda aşa sagçy Respublikan partiýasynyň dalaşgäri Hose Antonio Kast ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Saýlaw edarasy habar berdi.

Saýlawlaryň ikinji tapgyrynda sesleriň 99,33 göterimi sanalanda, Kast sesleriň 58,18 göterimine eýe boldy. Onuň bäsdeşi, häkimiýet başyndaky merkezi-çep bileleşiginiň wekili Žanet Hara 41,82 göterim ses aldy. Ses bermäge 15 milliondan gowrak saýlawçy gatnaşdy.

Hara jemgyýetçilik tory arkaly ýeňlendigini boýun alyp, Kasty ýeňşi bilen gutlady. Häzirki Prezident Gabriel Boriç hem Kasta öz gutlaglaryny iberdi.

59 ýaşly Kast 2026-njy ýylyň 11-nji martynda Prezident wezipesine girişer. Saýlaw döwründe ol jemgyýetçilik howpsuzlygyna hem-de serhet gözegçiligini güýçlendirmäge aýratyn üns berjekdigini wada berdi.

16-njy noýabrda ýurtda geçirilen saýlawlaryň birinji tapgyrynda hiç bir dalaşgär 50 göterimden köp ses alyp bilmändi. Şeýlelikde, Hara we Kast, degişlilikde, sesleriň 26,85 we 23,92 göterimini alyp, ikinji tapgyra çykmaga hukuk gazanypdylar.

Çili Günorta Amerikanyň günorta-günbatar kenarynda ýerleşýän ýurtdur. Onuň meýdanynyň uzynlygy, takmynan, 4,300 kilometr töweregi bolup, Atlantik ummanyndan Ýuwaş ummana çenli uzalyp gidýär. Ýurduň paýtagty Santýago, resmi dili ispan dili. Soňky maglumatlara görä, ýurduň ilaty, takmynan, 20 million töweregidir.



# BIR ÝYLLYK SAÝLANDY

**Şweýsariýanyň Federal ýygnagynyň (parlament) iki palatasynyň agzalary ykdysadyýet ministri Gi Parmeleni 2026-njy ýyl üçin ýurduň Prezidenti wezipesine saýladylar.**

**Hökümetde Şweýsariýanyň Halk partiýasynyň wekili bolan Parmelen 210 sesden 203-sini aldy. Ol 1-nji ýanwarda wezipesine girişer we Prezidentlik ygtyýarlyklaryny ministr wezipesi bilen utgaşdyryp, indiki ýylyň dowamynda bu wezipäni eýelär. Daşary işler ministri Inýasio Kassis 2026-njy ýyl üçin wise-prezident wezipesine saýlandy.**

**Şweýsariýada hereket edýän kanunçylyga görä, Prezident wezipesini hökümet agzalary bir ýyl möhlet bilen nobatlaýyn ýerine ýetirýärler. Prezidentleriň ýyllyk gezekleşmegi ýurduň syýasatyna täsir etmeýär, sebäbi ähli esasy meseleler hökümetiň içinde bilelikde çözülýär. Sesler deň bolan ýagdaýynda, Prezidentiň pikiri möhüm ähmiýete eýe bolýar.**

**Resmi ady Şweýsariýa Konfederasiýasy bolan bu ýurt Merkezi Ýewropada ýerleşýän, deňze çykalgasy bolmadyk döwletdir. Ýurt Alp daglarynyň uly bölegini öz içine alýar we täsin tebigy gözellikleri bilen tanalýar. Şweýsariýanyň ilaty 2024-nji ýyldaky maglumatlara görä, takmynan, 8,7 million adama barabar. Bu ýurt köp dilli we köp medeniýetli bolup, ýurduň ilaty nemes, fransuz, italýan, romanş ýaly dört sany resmi dilde gepleýär.**



# Çehiýanyň Premýer-ministri bellendi

Çehiýanyň Prezidenti Petr Pawel ANO syýasy hereketiniň (partiýa) başlygy Andreý Babişi Premýer-ministr wezipesine belledi. Praga galasynda geçirilen dabara TK habarlar agentligi tarapyndan teleýaýlymda görkezildi.

Andreý Babiş 2011-nji ýylda merkezçi syýasy hereket bolan ANO-ny esaslandyrdy. Ol 2014-nji ýyldan 2017-nji ýyla çenli Çehiýanyň Premýer-ministriniň birinji orunbasary hem-de maliýe ministri wezipelerinde işledi. Babiş ilkinji gezek 2017-nji ýylda Hökümet başlygy boldy we bu wezipäni 2021-nji ýylyň ahyryna çenli eýeledi.

ANO 2025-nji ýylyň 3-4-nji oktýabrynda Çehiýa Respublikasynda geçirilen parlamentiň Deputatlar palatasyna (aşaky palata) saýlawlarda sesleriň 34,51 göterimini alyp, ýeňiş gazandy.

Babişiň hereketi aşaky palatadaky 200 orundan 80-sini eýeleýär. Senatda (ýokarky palata) oňa 12 senator wekilçilik edýär. Kanun çykaryjy edaranyň ýokarky palatasy 81 senatordan ybaratdyr.



# «Time» žurnaly ýylyň adamyny saýlady

«Time» žurnaly «Ýylyň adamy» hökmünde «emeli aňyň binagärlerini» saýlady. Bu barada neşiriň saýtynda habar berilýär.

Žurnalyň daşky sahypasynda meşhur «Gökdirändäki günortanlyk» fotosuratyna öýkünilýär. Onda «Meta» kompaniýasynyň baş direktory Mark Sukerberg, AMD-niň baş direktory Liza Su, «xAI», «SpaceX» we «Tesla» kompaniýalarynyň baş direktory Ilon Mask, «OpenAI»-nyň baş direktory Sem Altman, «Nvidia»-nyň baş direktory Jensen Huang, «DeepMind»-iň baş direktory Demis Hassabis, «Anthropic»-iň baş direktory Dario Amodeý we «ImageNet»-iň esaslandyryjysy Feý-Feý Li dagynyň suratlary şekillendirilýär.




«Time» şu ýyl emeli aňyň esasy habarlarda agdyklyk edendigini belledi. «Ýylyň adamy» – bu bütin dünýäniň ünsüni durmuşymyzy kemala getirýän adamlara tarap çekmegiň güýçli usulydyr. «Bu ýyl hiç kimi emeli aňy oýlap tapanlardan, taslanlardan we ony döredenlerden has uly täsir galdyrmady» diýlip, neşiriň saýtynda aýdylýar.

2024-nji ýylda «Time» Donald Trampy ýylyň adamy diýip atlandyrypdy. Neşiriň maglumatlaryna görä, Trampyň syýasy taýdan täzeden janlanmagy Amerikanyň taryhynda deňsiz-taýsyzdyr. Şeýle-de, «Financial Times» gazeti «Nvidia» kompaniýasynyň baş direktory Jensen Huangy «Ýylyň adamy» diýip mälim etdi. «Ol halkara ykdysadyýeti özgertmek mümkinçiligine eýe bolan ägirt uly emeli aň şowhunynyň hereketlendirijі güýjüdir» diýlip, neşirde bellenilýär.

# ILATY 2080-nji ÝYLA ÇENLI ARTAR

Häzirki wagtda dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanyň ilaty 2080-nji ýyla çenli artmagyny dowam edip, 1,8 – 1,9 milliard derejede saklanar. Bu barada Hindistanyň Ilaty öwreniş birleşiginiň (IASP) Baş sekretary Anil Çandran aýtdy.

– 2000-nji ýylda Hindistanda çaga dogluşynyň umumy görkezijisi 3,5 bolup, häzir ol 1,9-a deň. Ilatyň köpelmeginiň görnetin kemelmegi ýurtda demografik ýagdaýyň çynlakaý üýtgeýändigini görkezýär – diýip, hünärmen belledi.

Çandran ähli bahalandyrmalara görä, Hindistanyň ýaşaýjylarynyň iň ýokary sanynyň 2 milliard adama ýetmejekdigini, ýagny 1,9 milliard derejeden ýokary bolmajakdygyny, munuň bolsa ilatyň migrasiýasyz ýagdaýda nesilden- nesle geçýän sanyny saklamak üçin zerur bolan derejeden pesdigini belledi.

Hindistanda ýaşlaryň, esasan hem, gyzlaryň işde üstünlik gazanmaga ymtylmagy sebäpli giç nikalaşýanlaryň sany hem artýar.

BMG-niň iýun aýynda çap eden demografik hasabatyna görä, 1,46 milliard ýaşaýjysy bolan Hindistan dünýäde iň köp ilatly ýurt bolmagynda galýar. Hindistanlylaryň sany ýene 40 ýyldan soňra azalyp başlar. Häzirki wagtda ýurtda gartaşan adamlaryň (65 ýaş we ondan ýokary) sany ilatyň 7 göterimini düzýär we bu görkezijiniň geljek onýyllyklarda ömür dowamlylygynyň artmagy bilen has-da ýokarlanmagyna garaşylýar.



# 2025-nji ÝYLYŇ IÝEROGLIFI

Ýaponiýada 2025-nji ýylyň iýeroglifi saýlandy. Saýlanan iýeroglif «kuma» (aýy) boldy. Dabara ýurduň gadymy paýtagty Kiotodaky ybadathanada geçirildi. Ybadathananyň baş ruhanysy iýeroglifi kagyzyň ýüzüne ýazyp, köpçülige görkezdi. Dabarany ýurduň telewideniýesi ýaýlyma berdi.

Ýyl üçin iýeroglif saýlamak däbi 1995-nji ýylda başlandy. Tamamlanyp barýan 2025-nji ýylda bu sözüň saýlanmagyna ýurtda aýy hüjümleriniň köpelmegi sebäp boldy.

Aýy hüjümleri ýurduň demirgazyk-gündogarynda has-da köp boldy. Aprelden sentýabra çenli aýa duş gelendikleri barada, takmynan, 37 müň adamdan habar gelip gowuşdy. Bilermenleriň pikiriçe, bu hoz hasylynyň pes bolmagy bilen baglanyşykly bolup biler, sebäbi aýylar iýmit ýetmezçiliginden ejir çekýärler we adamlaryň ýaşaýan ýerlerine has golaý gelýärler.

Ýaponiýada 2024-nji ýylyň nyşany hökmünde «altyn» iýeroglifi saýlanypdy. Bu ýapon türgenleriniň Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlaryndaky ýeňişleri bilen baglanyşyklydy. Mundan öň Ýaponiýada ýylyň şygary saýlandy. Bu Premýer-ministr Sanae Takaitiniň «Işlemek, işlemek, işlemek» diýen jümlesidi.




# ÝUNESKO-nyň sanawyna girizildi



## Italiýanyň aşhana däbi

**Italiýanyň aşhana däbi ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Bu karar guramanyň Nýu-Delide geçirilen Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça hökümetara komitetiniň mejlisinde kabul edildi. Komitet italýan aşhanasynyň «durnukly ösüşi biomedeni dürlüligi bilen utgaşdyrýandygy» barada netijä geldi.**

**– Şu gün ÝUNESKO italýan aşhanasyny Bütindünýä mirasynyň bir bölegi hökmünde ykrar etdi. Biz dünýäde ilkinji bolup bu ykrarnamany aldyk, bu bolsa özboluşly medeniýetimiziň bardygyna güwä geçýär – diýip, Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni wideoçykyşynda belledi.**

**Italiýanyň metbugaty kabul edilen kararyň özboluşlydygyny ýazdy, çünki mundan öň ÝUNESKO bu sanawa Italiýadan diňe aýratyn tagamlary ýa-da reseptleri girizipdi.**

## Gruziýanyň bugdaý ösdürip ýetişdirmek medeniýeti

**Gruziýada bugdaý ösdürip ýetişdirmek we hasyl ýygnamak däpleri ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Bu barada Gruziýanyň Daşky gurşawy goramak we oba hojalyk ministrligi mälim etdi.**

**Bu karar 10-njy dekabrda Nýu-Delide geçirilen ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça Hökümetara komitetiniň 20-nji mejlisinde kabul edildi. 11-nji dekabrda Gruziýanyň wekiliýetine «Gruziýada bugdaý ösdürip ýetişdirmegiň däp-dessurlarynyň we urp-adatlarynyň» dünýäniň maddy däl medeni mirasynyň bir bölegidigini tassyklaýan güwänama gowşuryldy.**

**ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä, bugdaý ösdürip ýetişdirmek we ýygnamak boýunça gruzin däp-dessurlary bu halkyň asyrlaryň dowamynda gorap saklap gelen ýörelgelerini öz içine alýar. Bu ýörelgeler topragy azal bilen ekişe taýýarlamagy, hasyly ýörite gural bilen ýygnamagy, däneleri ýörite niýetlenen döwek tagtasy bilen saýlamagy öz içine alýar. Guramanyň belleýşi ýaly, bularyň hemmesi gruzin durmuşynyň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we nesilleriň tejribesiniň möhüm bölegini emele getirýär. Gruzin halkynyň bugdaý bilen baglanyşykly medeniýetiniň ýene-de bir aýrylmaz bölegi öňden gelýän ýörite peçlerde çörek bişirmekdir.**

**Bu ýylky mejlisde jemi 52 sany täze maddy däl medeni miras ykrar edildi. Bu sanawda "Türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek sungaty", dürli halklaryň saz gurallary we el işleri esasy orun aldy.**

# NOBEL BAÝRAGYNYŇ GOWŞURYLYŞ DABARASY GEÇIRILDI

**2025-nji ýylyň fizika, lukmançylyk, himiýa, ykdysadyýet we edebiýat ugurlary boýunça Nobel baýragynyň gowşurylyş dabarasy Şwesiýanyň paýtagty Stokgolm şäherinde geçirildi.**

**Stokgolm konsert zalynda (Konsert Huset) geçirilen dabara Şwesiýanyň Patyşa maşgalasynyň agzalary, Premýer-ministr Ulf Kristersson, ministrler, partiýa wekilleri, daşary ýurtlaryň wekilleri, baýrak eýeleri we köp sanly myhmanlar gatnaşdylar.**



**Sylaglary baýrak eýelerine Şwesiýanyň Patyşasy Karl XVI Gustaw gowşurdy.**

**Fizika boýunça baýrak Jon Klarka, Mişel Dewore we Jon Martinise; himiýa boýunça baýrak Susumu Kitagawa, Riçard Robsona we Omar M. Ýagiýä; lukmançylyk boýunça baýrak Meri Brankowa, Fred Ramsdella we Simon Sakagutä; ykdysadyýet boýunça baýrak Joel Mokirä, Filipp Agona we Piter Hawitte; edebiýat boýunça baýrak bolsa, Laslo Krasnahorkaýä berildi.**

**Nobel baýragynyň eýelerine diplom, Nobeliň medaly we 11 million şwed kronyna deň pul baýragy gowşuryldy.**

**Şeýle-de 2025-nji ýylyň Nobeliň parahatçylyk boýunça baýragynyň eýesi Mariýa Korina Maçado dabara gatnaşyp bilmedi. Şonuň üçin onuň gyzy Ana Korina Sosa Norwegiýanyň Oslo şäherinde geçirilen dabarada ejesiniň adyndan baýragy kabul etdi.**

# «Taste Atlas»: 2025-nji ýylyň IŇ GOWY TAGAMLARY WE SÜÝJÜLIKLERI








● «Taste Atlas» onlaýn iýmit ensiklopediýasy we syýahat gollanmasy 2025-nji ýylyň iň gowy tagamlarynyň we süýjülikleriniň sanawyny mälim etdi. Gastronomiýa gollanmasynyň ulanyjylarynyň ses bermegi esasynda iň gowy tagamlar yglan edildi. Birinji orny «vori-vori» tagamy eýeledi. Paragwaýlylaryň milli tagamy towuk çorbasynyň içine käşir, kädi, sogan, sarymsak ýaly gök önümler atylyp taýýarlanylýar. «Vori-vori» çorbasyna aýratyn tagam berýän zat mekgejöwen unundan we peýnirden ýasalan şarjagazlar hasaplanylýar. Naharyň ady «kiçijik topjagazlar» diýmegi aňladýar. Bu çorba, esasan, howanyň sowuk günleri has köp iýilýär.

Sanawda ikinji we üçünji orunlary italýanlaryň Neapolitan pizzasy we ak trýufelli makarony eýeleýär. Neapol şäherinden gelip çykýan pizzanyň bu görnüşi gyzyl burça meňzeş San-Marsano pomidory, mozarella peýniri we reýhanyň ter ýapragy goşulyp taýýarlanylýar. Agzyňda eräp gidýän bu pizza üçin ýokary hilli undan ýugrulan we 1-2 günläp demine goýlan adaty hamyr ulanylýar. Howur peçde 90 sekuntda bişirilýän Neapolitan pizzasy ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Pizza dünýäde iň köp iýilýän tiz tagamlaryň biridir. Ak trýufelli makarony taýýarlamak üçin ýumurtganyň sarysyna baý bolan fettuççi makaronynyň inçe görnüşi we trýufel (domalana meňzeş kömelek) ulanylýar. Bu tagamy taýýarlamak üçin towuk çorbasynda gaýnadylan makaronyň üstüne inçejik dilimlenip, ýagda çalaja gyzardylan kömelek goşulýar.

Dördünji orunda indoneziýalylaryň milli tagamy bolan «sate kambing» gelýär. Marinad edilen geçi ýa-da guzy etinden taýýarlanylýan bu tagam bambuk çişlerine düzülip közde bişirilýär. «Sate kambing» üstüne soýa sousy guýlup, sogan, pomidor we burç bilen bilelikde hödür edilýär. Kebabyň bu görnüşi, esasan hem, Ýawa adasynda meşhur tagam hasaplanylýar.

Türk tagamlary hem gastronomiýada öňdäki orunlary eýeleýär. Sanawda türkleriň çag kebaby bäşinji orunda gelýär. Erzuruma mahsus bolan kebabyň bu görnüşini taýýarlamak üçin ilki ýukajyk gyýlan goýun ýa-da geçi eti marinad edilýär. Soňra dönere meňzeş şekilde uly çişe düzülýär we közüň üstünde keseligine goýlup bişirilýär. Daşy gyzardylandan soň, döner pyçagy bilen inçejik dilimlenip, inçejik çişe düzülip, lawaş, sogan we gök otlar bilen bilelikde hödür edilýär. «Çag» sözi «keseligine goýlan çiş» diýen manyny berýär.

Sanawda «Kontosuwli» (Gresiýa), «Arroz tapado» (Peru), «Komplet lepinýa» (Serbiýa), «Kesabirriýa» (Meksika) we «Etli we kömelekli makaron» (Italiýa) ilkinji onlugy jemleýär. «Taste Atlas»-yň tagam sanawnamasynda, esasan, etden taýýarlanylýan tagamlar öňdeligi eýeleýär.









● «Taste Atlas» dünýäniň iň gowy süýjülikleriniň sanawyny hem hödürledi. Süýjülikleriň sanawynda Antakýa künefesi birinji orunda gelýär. Osman imperiýasyndan gözbaş alýan bu süýjülik Antakýanyň iň meşhur desertleriniň biri hasaplanylýar. Ilki bilen mejimede saryýag eredilýär we üstüne doňdurylan hamyr gyrylýar. Hamyr bölekleri tekizlenenden soň, üstünden künefe peýniri ýazylyp çykylýar. Soňra ýene-de peýniriň üstünden gyrgyçdan geçirilen hamyr goýlup, howur peçde bişirilýär. Daşy gyzaran Antakýa künefesiniň üstünden şekerli suw guýulýar. Agzyňda eräp gidýän bu süýjülik dünýäniň köp ýurdunda taýýarlanylýar. Ikinji orunda iňlisleriň gaýmakly doňdurmasy gelýär. Sygyr süýdünden taýýarlanylýan bu süýjülik çaýyň ýany bilen iýilýär. Üçünji we dördünji orunlarda italýanlaryň meşhur doňdurmasy bolan želato bilen ştrudel ruleti gelýär. «Doňaklyk» diýen manyny aňladýan bu doňdurma ýumurtga, gaýmak, wanilin, şokolad, badam, pisse goşulýar. Käte želato alma, ýertudana, malina, limon, ananas ýaly miweler hem goşulýar. Ştrudel ruleti ýukajyk ýaýylan hamyryň arasyna maňyzdyr alma, ýertudana ýaly dürli miweler goýlup taýýarlanylýar. Sanawda bäşinji orunda Gaziantep baklawasy gelýär. Kagyz ýaly ýazylan hamyryň arasyna pisse goýlup, gat-gat edilip bişirilýän bu süýjüligiň üstüne şekerli suw guýulýar. Baklawa Aziýa ýurtlarynda iň köp iýilýän desertleriň biridir.

Sanaw degişlilikde «Fistikli sarma, Remezan süýjüligi» (Türkiýe), «Tembleke» (Puerto-Riko), «Süýji krepler» (Fransiýa), «Tinginis» (Litwa), «Pão de Ló de Ovar» (Portugaliýa), «Kremolada» (Peru), «Kladkaka» (Şwesiýa), «Pawê» (Braziliýa), «Pisang goreng, gowrulan banan» (Indoneziýa) we «Karlota de limon» (Meksika) ýaly süýjülikler bilen dowam edýär.



# Bütindünýä basketbol güni

Sport bilen meşgullanmak sagdyn durmuş ýörelgesiniň gözbaşy hasaplanýar. Dünýäde müňlerçe sport görnüşi bolup, adamlaryň aglaba bölegi haýsydyr bir sport görnüşi bilen meşgullanýar. Sport görnüşleriniň arasynda toply oýunlar has öňdeligi eýeleýär. Kimler futbol oýnamagy halaýan bolsa, kimler woleýbol oýnuna gyzykýar. Tennisdir basketbol oýnunyň muşdaklary hem sanardan köp.

Her ýylyň 21-nji dekabrynda Bütindünýä basketbol güni bellenilip geçilýär. Bu sene Halkara basketbol federasiýasy (FIBA) tarapyndan döredildi we Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan tassyklanyldy. Bütindünýä basketbol gününiň bellenilip geçilmeginiň esasy maksady ýaşlaryň arasynda sporty wagyz etmekden, toparlaýyn oýunlary ösdürmekden we basketbolyň peýdasyny nygtamakdan ybarat. Ähli ýaşdaky adamlaryň gyzyklanýan we höwes bilen tomaşa edýän oýny bolan basketbol kanadaly bedenterbiýe mugallymy Jeýms Neýsmit (1861-1939ý.) tarapyndan oýlanyp tapylýar. Şol döwürler howanyň aşa sowukdygy sebäpli içerde (ýapyk bina) oýnalýan pökgi oýnuna zerurlyk duýulýar. Netijede, Neýsmit 13 düzgünden ybarat, futbol topy bilen sebede oklanyp oýnalýan täze sport görnüşini döredýär. Ilkinji basketbol oýny 1891-nji ýylyň 21-nji dekabrynda geçirilýär we şol gün basketbolyň döredilen güni hasap edilýär. Ilkibaşda basketbol oýnuny oýnamak örän kyn we çylşyrymly bolupdyr. Sebäbi sebede oklanan top aşak gaçmandyr. Her gezek utuk gazanylanda emin merdiwandan ýokary galyp, sebediň içinden topy alandan soň, oýun ýene-de dowam edipdir.

Basketbol oýnunyň wagty dürli-dürli bolýar. Mysal üçin, NBA oýunlarynda 48 minut (12 minutdan 4 çärýek) oýnalýan bolsa, kollej (NCAA) oýunlary 40 minut (20 minutdan 2 tapgyr) dowam edýär. Halkara basketbol ýaryşlarynda (FIBA) oýun 40 minut (10 minutdan 4 çärýek) dowam edýän bolsa, orta basketbol mekdeplerinde ýaryşlar 32 minut (8 minutdan 4 çärýek) ýa-da 36 (9 minutdan 4 çärýek) minutdan tamamlanýar. Adatça, basketbol oýunlarynyň umumy wagty 2-2,5 sagada çekýär. Oýunlarda her arakesmäniň dowamlylygy 15 minut bolup, oýna goşmaça 5 minut wagt goşulýar. Dünýäde iň öňdebaryjy basketbol ligasy NBA bolup, 30 topary (29 ABŞ, 1 Kanada) öz içine alýar. Mundan başga-da, Big3, ABA, ECBL, FBA, MBL, SBL, NABL meşhur basketbol ligalary hasaplanylýar. Basketbol meýdançasynyň ini 15 metre, uzynlygy 28 metre barabar bolup, basketbol topunyň agramy 620 grama (7-lik ölçeg) deň. Basketbolda oýunçynyň haýsy çyzykdan (halka) pökgi geçirendigine görä utuk berilýär.

Häzirki wagtda dünýä ilatynyň ýarysy (3,3 milliard) basketbola gyzyklanýar. Bütindünýä basketbol güni 2023-nji ýyldan bäri bellenilýär. «Los Anjeles Leýkers», «Boston Seltiks», «Çikago Bulls», «Oklahoma Siti Tander», «Panatinaikos», «Real Madrid» we «Monako» toparlary iň öňdebaryjy basketbol klublarydyr. Karim Abdul-Jabbar, Maýkl Jordan, Kobi Braýant, LeBron Jeýms, Dirk Nowiski we Toni Parker dagy iň ökde basketbolçylar hasaplanylýar.

## ÇAGALAR

**Boýy 2,5 metre çenli ýetýän ak aýynyň 42 sany dişi bar. Bu jandarlar sagatda 40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.**

# ARKTIKANYŇ ÜŞEMEÝÄN «ÝERLI ÝAŞAÝJYSY»

**Tebigatda her jandaryň özüne mahsus ýaşaýyş aýratynlygy bar. Mysal üçin, alakadyr gemrijiler hin gazyp, ýeriň aşagynda ýaşaýan bolsa, ýarganat aýagy bilen ýapyşyp, başaşak uklaýar. Jandarlaryň käbiri aşa yssy we gurak howada ýaşaýan bolsa, käbiri garyň ýa-da buzuň üstüni özüniň dogduk depesi hasaplaýar. Şeýle jandarlaryň biri hem polýar aýysydyr. Eýsem, polýar aýysy -50 derejede nädip ýaşaýarka?! Geliň, polýar aýysy barada gyzykly maglumatlary öwreneliň!**

Dünýäde aýynyň 8 görnüşi duş gelýär. Olara Amerikan gara aýysy, Aziýa gara aýysy, goňur aýy, panda, ak aýy, tüýlek ýalta aýy, gözlükli aýy we Gün aýysy diýilýär. Aýylaryň arasynda iň sowukda ýaşaýany ak aýy bolup, oňa başgaça polýar aýysy diýilýär. Ylmy dilde «ursus maritimus» (deňiz aýysy) diýilýän bu jandar balykdyr mör-möjekleri iýýär. Alymlar ak aýylaryň aşa sowukda nädip ýaşaýandygy barada gyzyklanyp, şeýle netijä geldiler. Ak aýynyň sütügi aç-açan bolup, gara deri gatlagy Gün şöhlesini çalt özüne siňdirýär. Deriniň aşagyndaky ýag gatlagy bolsa, ýylylygy özüne çekip, bedeniň gyzgynlygyny üpjün edýär. Tebigat we janly-jandarlar bilen baglanyşykly gepleşiklere tomaşa eden bolsaňyz, ak aýy buzluklaryň üstünden ylgaýar, balygy tutmak üçin suwa bökýär, käte bolsa başga ada geçmek üçin birnäçe kilometre çenli ýüzüp gidýär. Göräýmäge ak aýy üşäýjek ýa-da doňup galaýjak ýaly. Ak aýynyň sütügindäki suwy we buz bölejiklerini yzyna itekleýän ýörite gurluş üşemezliginiň we doňmazlygynyň öňüni alýar. Ak aýynyň sütügi iki gatlakdan ybarat bolup, aşaky gatlagy boş, ýokary gatlagy bolsa, suw geçirmeýän dykyz bolýar. Uzyn süýümler ýylylygy gowy saklaýar.

Arktikanyň iň uly ýyrtyjylarynyň biri bolan ak aýynyň agramy 300-800 kilograma ýetýär. Goňur aýy bilen ýakyn garyndaşlygy bolan bu aýynyň tüý



bilen örtülen güýçli penjesi bolup, buzuň üstünde arkaýyn ýöremegini üpjün edýär. Boýy 2,5 metre çenli ýetýän ak aýynyň 42 sany dişi bar. 15 santimetr uzynlykdaky tüý bilen örtülen bu jandarlaryň bedeni 37 dereje gyzgynlykda saklanýar. Ak aýylar gyzyp ugranda suwa girip, bedenini sowadýarlar. Gulagy kiçijik äpet aýylar uzakdaky sesi hem eşidip bilýärler.

Ösen ys alyş ukybyna eýe bolan polýar aýysy Arktikada we onuň golaýyndaky ýerlerde – Grenlandiýada, Kanadada, Alýaskada, Russiýada we Norwegiýada ýaşaýar. Köplenç ýeke ýaşaýan ak aýylar belli-belli möwsümde köpelýärler. Kiçijik ak aýyjygy iki ýarym ýaşyna çenli ene aýy idedýär. Ak aýy bir ýylyň dowamynda 38 müň kilometr ýol geçip, buzluklardyr garly meýdanlara syýahat edip bilýär. Her gün ortaça 12 kilometr ýol geçýän bu jandarlar sagatda 40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler. Şeýle hem sagatda 6 kilometr tizlik bilen ýüzmegi başarýarlar. Polýar aýysy 3 minutlap suwuň aşagynda durup, penjeleri bilen hereket edip, balyk tutup bilýär. Ak aýy gyş ukusyna gitmeýär. Tebigaty we janly-jandarlary goramak boýunça halkara bileleşiginiň (IUCN) maglumatlaryna görä, ak aýylaryň sany 31 müňden geçmeýär. Howanyň üýtgemegi, maýylganlyk we buzluklaryň eremegi äpet jandarlaryň azalmagyna sebäp bolýar. Ak aýy ýyrtyjy jandar hasaplanýar. Şol sebäpli äpet aýynyň ýanyna barmak howply hasaplanýar.



# Adanyň içindäki adadaky ada

Kanadanyň Nunawut şäheriniň Wiktoriýa adasyndaky uly kölüň içinde, orta ululykdaky adada, kiçijik kölde bary-ýogy 16 inedördül metr meýdany tutýan adajyk ýerleşýär. Üçünji derejeli ada (kölde ada, adada köl, kölde ada) diýilýän bu depe 2012-nji ýylda kosmosdan düşürilen suratlar arkaly ýüze çykaryldy. Bilermenler bu adanyň adam aýagy basmadyk ýer bolmagy mümkin diýip çaklaýarlar.




Iç-içe ýerleşýän bu ada edil tapmaça meňzeýär. Heniz at dakylmadyk kiçijik ada Arktika arhipelagynda ýerleşýär. Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen bu ada inuitler tarapyndan «Kitlineq» diýlip atlandyrylýar. NASA-nyň hünärmenleri Arktika sebitinde adanyň içindäki adadaky adalaryň ýene-de birnäçesiniň bardygyny çaklaýarlar. Howanyň üýtgemegi netijesinde, geljekde tehnologik enjamlaryň kömegi bilen birnäçe adanyň we kölleriň üstüniň açyljakdygy bellenilýär.

### Labirint



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### 10 tapawudy tapyň!




### Gyzykly pursat





# Gyş paslyny ýatladýan miwe

**Gyş paslynyň gelmegi bilen köp iýilýän miweleriň biri hem mandarin bolsa gerek. Sitrus miweleriniň bir görnüşi bolan bu miwe hoşboý ysy we işdäňi açyjy süýjümtik tagamy bilen tapawutlanýar. Mandariniň Ata Watany Günorta-Gündogar Aziýa (hindi-hytaý) sebiti hasaplanýar. C witamininiň çeşmesi bolan bu miwe terligine iýilmek bilen bir hatarda, süýjüliklere, işdäaçarlara goşulýar hem-de şerbet taýýarlanylýar. Mandariniň ýukajyk gabygyny aňsatlyk bilen aýryp bolýar. Mandariniň gabygyndan alynýan efir ýagy süýjüliklere, želatine, doňdurma we sakgyja tagam bermek üçin ulanylýar. Käbir ýurtda çörek önümlerine hem mandariniň gabygyndan alynýan efir ýagy goşulýar.**

**Mandariniň ilkinji ösdürilip ýetişdirilen ýeri Nanlin daglarynyň etegi (Hytaý) bolup, XIX asyrda Ýewropa getirilýär. Adatça, miwesi gyşda ýygnalýan mandarin agajynyň boýy 7,5 metre çenli ýetýär. Baldagy tikenli bu agajyň bir düýbi 70-80 kilograma çenli miwe berýär. Mandarin agajy çalt ösýär. Ilkibaşda «Apfelsin» (hytaý almasy) ady bilen tanalan bu miwä fransuzlar «mandarin» diýip at berýärler.**

**Içi bölek-bölek bu miwäniň turşulygy beýleki sitrus miwelerinden pes bolup, suwly we süýji bolýar. Sarydan mämişi reňkli gyş miwesiniň dünýäde ýüzlerçe görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Häziriki wagtda dünýäde her ýyl 38-44 million tonna mandarin hasyly alynýar. Mandarin önümçiliginde Hytaý, Hindistan, Türkiýe, Ispaniýa, Braziliýa we Marokko ýaly ýurtlar öňdeligi eýeleýär. Kanada, ABŞ, Ýaponiýa ýaly ýurtlarda mandarinli sebetler sowgat hökmünde berilýär.**

# IŇ BAGTLY GÜNÜM

*Gazetimiziň «Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly döredijilik bäsleşiginiň baş baýragyna mynasyp bolan hekaýa*

Mugallymymyz Walentina Georgiýewna şeýle diýdi:

– Ertir gyşky dynç alyş rugsady başlanýar. Siziň her bir günüňiziň şatlykly geçjekdigine şübhäm ýok. Size sergilerdir muzeýler garaşýar. Şol dynç alşyň içinde nähilem bolsa, iň bagtly günleriňizem bolar. Ine, şol barada hem öýüňizde düzme ýazyň. Ýazylanlaryň arasyndan iň gowusyny saýlap, synpda uly ses bilen okap bererin. Şeýlelik bilen, siziň düzmäňiziň temasy – «Meniň iň bagtly günüm».

Walentina Georgiýewna: «Meniň iň ähtibar dostum», «Meniň halaýan kitabym», «Meniň iň bagtly günüm» ýaly temalardan düzme ýazsak halaýardy, men muny aňdym.

Täze ýyl baýramçylygynyň öňüsyrasynda ejem bilen kakam tersleşdi. Men olaryň näme sebäpden tersleşendigini bilemokdym. Olaryň tersleşendigini hem Täze ýyly öz tanyşlarynyňkyda garşy alyp, öýe giç dolanyp gelenlerinde aňypdym. Irden bolsa olar biri-biri bilen gürleşmediler. Hamala hiç zat bolmadyk deýin, meniň bilen hem aýratyn äheňde asuda gürleşýärdiler. Ýöne men elmydama şular ýaly näsazlyklar dörände duýýaryn ahyry: bir zatlar bolupdyr. Olar biri-biri bilen gürleşenokdylar.

Garaz, gyşky dynç alşymyň ilkinji gününde öýümiziň içi gum-guklukdy, ümsümlikdi. Şol sebäpli hem meniň uly arça agajynyň ýanyna gezelenje gidesim geldi.

Haçan-da ejem bilen kakam tersleşende, men olary biçak alada edýärin.

Aýratynam ir bilen kakam menden:

– Ejeňi Täze ýyl baýramçylygy bilen gutlamagy ýadyňdan-a çykaran dälsiň? – diýip soranda, meni tukatlyk gurşap aldy. Ejem bolsa, kakamyň oturan tarapyna hem seretmän:

– Bar, ataňa gazetini getirip ber. Ony ýaňyja gapyrjagyň içinde goýup gitdiler. Men onuň sesini eşitdim.

Ol kakama juda seýrek «Ata» diýip ýüzlenýärdi.

Ol-a birinji bilen. Ikinji bilen bolsa, olaryň her haýsy aýratynlykda: «Ikimiziň aramyzda nämeler bolup geçse-de, ol bolýan zatlar diňe ikimize degişli» diýip, alada eder ýaly zadyň ýokdugy barada ynandyrmaga çalyşýardylar.

Hakyna seretseň-ä, olaryň arasyndaky meseleler maňa-da degişli. Özi hem, diýseň-diýmeseň dahylly ýeri bar. «Gowusy, şular biri-birinden aýrylmasynlar. Her haýsy aýry ýola rowana bolmasynlar. Belkem, agşama çenli ähli zat düzeler» diýen netijä geldim.

Emma olar agşama çenli hem ýeke agyz gürleşmediler.

«Birden olar biri-biri bilen gürleşmegini düýbünden bes edäýseler näme?!» diýip, öz ýanymdan ünjüli oýlanyp başladym. Gorkýardym. Men ejem bilen kakamyň arasyndaky düşünişmezligi düzetmegi berk ýüregime düwdüm. Olaryň arasyny düzetmek üçin haýal etmän, aýgytly herekete geçmelidim. Ýöne nädip?

Bir ýerlerden-ä okan ýa-da radiodan eşiden bolmagym ähtimal. Garaz, şatlyk bilen gam-gussa adamlary biri-birine birleşdirýärmiş. Dogrusy, birini gynandyrmakdan has beteri hem, ony begendirmek, göwnüni tapmak birneme kynrak. Adamy begendirmek hem-de ony bagtly etmek üçin onuň ugrunda zähmetiňi sarp edip, ony begendiräýjek zatlary gözläp, şatlanmagy üçin elde baryny etmeli bolýarsyň. Ynsanyň göwnüne degmekden aňsat zat barmy, eýsem! Ýöne men beýle zady islämok... Men şatlykdan başlamaly diýen netijä geldim.

Eger-de men okuwa gidýän bolsadym, mümkin bolmajak zady ederdim: geometriýa sapagynda dörtlük alardym. Matematika mugallymynyň aýtmagyna görä, meniň bu sapak barada «giňişleýin düşünjäm» ýokmuş, hatda ol bu babatda hat ýazyp, kakamyň salgysyna hem ugradypdy. Eýsem, birdenkä, dörtlük baha alsam nähili bolar? Belkem, ejem bilen kakam meni şobada buýsanç bilen öperler, soňam olar ýaraşar.

**Anatoliý ALEKSIN,**
*rus ýazyjysy*

Hekaýa



Ýöne bularyň ählijesi hem arzuw ahyryn: heniz hiç kim dynç alyş döwründe baha almady.

Başga nähili usul bilen dynç alyş günlerimde ene-atamy begendirip bilerkäm?

Men öýümizde arassaçylyk işlerini geçirmeli diýen karara geldim. Esgidir çotga bilen öýüň hemme ýerini tämizläp çykdym. Ýöne ejemem Täze ýylyň öňüsyrasynda uzakly gün öýümizi tämizläpdi... Haçan-da owaldan ýuwlan ýeri, arassaja duran yşgaby gaýtadan süpürip geçeniňde, tozanyň ýokdugy sebäpli seniň eden işiň hiç kimiň gözüne ilmeýär.

Ejem bilen kakam agşam işden gelenlerinde, ýeriň arassalygyna däl-de, tersine, meniň boýdan-başa kirliligime üns berdiler.

– Öýi tämizledim! – diýip, olara kirliligimiň sebäbini aýtdym.

– Örän gowy, sen ejeňe kömek etjek bolup jan edýärsiň – diýip, kakam ejemiň duran tarapyna nazaryny hem aýlaman jogap berdi.

Ejem meni öpüp, hamala haýsydyr bir ýetim çagany söýgüleýän dek, başymy sypalady.

Bir söz bilen aýdanyňda, şatlyk olary birleşdirmegi başarmady. Olar her haýsy aýratynlykda, ýekelikde begenýärdi.

Ana, şonda bolsa, men iň soňky çykalgama tarap ädim ätmeli boldum: olary gam-gussanyň kömegi arkaly birleşdirmegi ýüregime düwdüm.

Ýekeje çykalga bar, ol hem öýden gidip, wagtlaýyn ýitirim bolmakdy.

Ine, şol gün agşamam şeýle diýdim:

– Men möhüm bir mesele üçin Mazaryň ýanyna gitjek.

Mazar – bu dostum Ženýanyň lakamy. Ol her gezek gürrüň açanda, sözüniň başyny, ine, şu sözler bilen başlaýardy: «Hiç kime aýtmajagyňa söz ber». Men oňa söz berýärdim.

– Ömrüň ahyryna çenlimi?

– Ömrümiň ahyryna çenli.

Ženýa näme hakda gürrüň berselerem, ol hemişe: «Hiç wagt! Hiç kime! Men Mazar!» diýip, aýdylan zatlary hiç kime gürrüň bermejekdigine güwä geçýärdi. Şeýdip ol uzak wagtyň dowamynda özüniň syr saklap bilýändligine hemmeleri ynandyrdy, ana, şonuň üçin oňa «Mazar» diýen lakam dakdylar. Şol gün agşam syr saklamagy başarýan adam gerek boldy.

– Uzak wagtlapmy? – diýip, kakamam menden sorady.

– Ýok. Ýigrimi minutjyk... Ondan köp däl – diýip, kakama jogap berdim-de, ony bar güýjüm bilen öpdüm.

Soňra bolsa, hamala Demirgazyk polýusa ýa-da söweşe barýan dek ejemi öpdüm. Olar maňa geň galyp seretdiler. Heniz gam-gussa olaryň aňyna aralaşmandy. Häzirlikçe olaryň kalbynda kiçeňräk howsala döredi. Muňa garamazdan, olar birneme biri-birine ýakynlaşan ýaly hem görünýär. Men muny duýýardym. Şeýlelik bilen, Ženýanyň ýanyna ugradym.

Haçan-da onuň ýanyna gelenimde, men şeýle bir keşpde görünýärdim welin, ol:

– Sen, näme, öýüňizden gaçdyňmy? – diýip sorady.

– Hawa.

– Dogry. Öň gaçmaly ekeniň. Howsala düşme: hiç kim seniň bärdedigiňi bilmez.

Ženýa näme sebäp bilen öýümden gaçanymy hem bilenokdy, ýöne ol gaçýanlary, bukulýanlary hem-de gizlenýänleri biçak gowy görýärdi.

– Her bäş minutdan ejem bilen kakama jaň edip, maňa garaşýandygyňy we meniň heniz gelmändigimi aýt... Düşündiňmi? Olaryň aladadan ýaňa, huşlarynyň gidýändigini duýýançaň, jaň etmegiňi dowam et. Göni manyda däl, elbetde...

– Eýsem, bu zatlar näme üçin gerek, hä? Men – hiç kime. Hiç wagt! Mazar!... Sen muny bilýärsiň-ä...

Ženýa jaň etmäge başlady. Telefony kä ejem, käte kakam galdyrýardy. Dogrusy, olaryň haýsy biri dälizde, ýagny tekjäniň üstünde duran telefonymyza golaý bolsa şol hem jaňy alýardy.

Ženýanyň bäşinji gezek eden jaňyndan soňra, ejem bilen kakam dälizden gidenokdylar.

Soňra bolsa, özleri Ženýalara jaň etmäge başlady...

– Ol hälem size gelmedimi? Henize çenli size barmazlygy mümkin däl. Diýmek, bir zatlar-a bolupdyr...

– Menem alada edýärin... Biz möhüm bir mesele üçin görüşmelidik. Ýöne, belki, ol henizem diridir?

– Nähili möhüm iş?

– Bu syr. Men ony aýdyp bilemok. Aýtmajagyma söz berdim. Ýöne ol meniň ýanyma gelmäge howlugýardy... Bir zad-a bolupdyr.

– Saklanman dowam et – diýip, men oňa duýdurdum. – Ejemiň sesi titreýärdimi?

– Titreýär.

– Gaty titreýärmi?

– Aý, häzirlikçe o diýen däl... Ýöne ejeň sesiniň gaty titrejegini bilýän. Sen bu barada hiç pikir etme.

Ejem bilen kakama gynanmaga başladym. Aýratynam ejeme... Bular ýaly ýagdaýlarda kakalar hemişe asuda bolýar ahyryn. Men muny öň aňdym. Ejem bolsa... Ýöne men bu işi beýik bir maksadym üçin amala aşyrýardym. Maşgalamy halas edýärdim. Şonuň üçinem gam-gussany ulanmaly boldum.

Maňa bir sagadam ýeterlik boldy.

– Ejem näme diýdi? – diýip, ejemiň yzygiderli jaňlaryndan soňra, Ženýadan olaryň näme diýendigini soradym.

– «Biziň huşumyz gitdi» – diýip, Ženýa buýsanç bilen jogap berdi. Ol hem begenýärdi.

– Ejem: «Biziň huşumyz gitdi» diýdimi? Hakyt «biz» diýdimi? Dogrudanam, şeý diýdimi?

– Ýalan aýtsam, janym çyksyn. Ýöne olary ýene birneme kösemek gerek. Goý, olar polisiýa hem jaň etsinler – diýip, Ženýa maňa jogap berdi.

– Hiç hili.

Men öýümize tarap howlukdym. Gapyny öz açarym bilen ýuwaşlyk bilen açdym. Daraklygyma basyp, dälize girdim.

Ejem bilen kakamyň hersi telefonyň bir gapdalynda otyrdy. Ýüzleri solgundy, ýadawdy. Biri-birine bakýardylar. Olaryň ikisi bilelikde gynanýardy. Bu diýseň gowy ahyry.

Birdenem olar böküp turdular-da ýanyma geldiler. Meni gujaklap, öpmäge başladylar, soňra mähir bilen biri-birine seretdiler.

Bu meniň gyşky dynç alşymyň iň bagtly günüdi.

Men köşeşdim, ertesi gün hem mugallymyň tabşyran ýumşuny ýerine ýetirmek üçin işe girişdim. Düzmämde iň bagtly günümiň Tretýakow galereýasyna giden günümdigimi ýazdym. Aslynda bolsa, ol ýere men bir ýarym ýyl mundan ozal gidipdim.

*Terjime eden*
**Annadursun ANNALYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň rus dili we edebiýaty fakultetiniň terjime we terjimeçilik işi hünäriniň 1-nji ýyl talyby.*

## 63-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Goýnuň ýüňünden basylyp edilýän düşek. **2.** Düşündirmek üçin edilýän yşarat. **3.** Organik birleşme. **4.** Gadymy döwürde giňden ýaýran ýazuw materialy. **5.** Ýüpek gurçugynyň saraýan kiçijik ýumurtga şekilli önümi. **6.** Bir zady towlamak netijesinde salynýan burgy. **7.** Gyzgyny ýokary galan ýa-da bir zatdan gorkan adamyň dodagyna çykýan suwluja gabarçyk. **8.** «Myhmana ... goý, iki elini boş goý» (nakyl). **9.** Rowaýat aýdyjy, hekaýaçy. **12.** Beden agzasy. **13.** Günorta Amerikada bir döwlet. **15.** Ýaldyramak ýagdaýy. **16.** Ýowşana meňzeş ýazyna-güýzüne gülleýän zäherli ösümlik. **18.** «Galan işe ... ýagar» (nakyl). **20.** «... başy dumansyz bolmaz, är başy – hyýalsyz» (nakyl). **25.** Äşgär, belli. **26.** Küşt oýnunda iň esasy malyň ady. **28.** Gün ýaşyp, garaňky düşüp başlan wagt. **29.** Söýgi, mähir. **30.** Balarylaryň işläp çykarýan we öýjük ýasamak üçin ulanýan maddasy. **31.** Atyň toýnagyna kakylýan demir halkajyk. **32.** Gawundan taýýarlanýan önüm. **36.** Kä güýjäp, kä ýuwaşaýan şemal. **37.** ...-aýak. **38.** Geýim-gejimiň ýakasy. **40.** Wada, äht. **42.** Amerikan ýazyjysy ... Bredberi. **47.** Howa ulagy. **48.** Günorta Amerikada bir şäher. **49.** Himiki element. **50.** Dost, ýoldaş. **51.** Ýagtylyk, şöhle. **53.** Afrikada bir derýa. **55.** Tantal himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **57.** Baglaýjy kömekçi.

**KESELEGINE:** **1.** Kerpiç bişirilýän ýörite peç. **4.** Rim katolik kilisesiniň baş müdiri. **6.** Gelin-gyzlaryň dakynýan togalajyk, süýnmek bezeg şaýy. **10.** ...-ýom, derman. **11.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **13.** «... ýigit söweşde belli» (nakyl). **14.** Soltan, patyşa. **15.** Ýaldyrap, şöhle saçyp duran. **17.** Gap-gaç öndürýän italýan brendi. **19.** Amerikan sport aýakgaby. **21.** Alýuminiň gysga aňladylyşy. **22.** ...-giç. **23.** Tabak, okara. **24.** Ses faýl formaty. **25.** Daşary ýurt adam ady. **27.** ...-taryp. **29.** Kertik ýapraklary bişirilip iýilýän ot. **33.** Eliň başam barmagy bilen külem barmagynyň arasyna deň bolan uzynlyk ölçegi. **34.** Gyz ady. **35.** «Aýagy bar, dyzy ýok, kirpigi bar, gözi ýok» (matal). **39.** Umyt, isleg. **41.** San. **43.** Natriý himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **44.** Adamyň kellesiniň alyn tarapy. **45.** ...-dynç. **46.** Nota. **47.** «Nähili ýol bilenem bolsa ..., emma utulma» diýip, käýinip öwüt berdi» (A.Gowşudow). **50.** Ownuk pul. **52.** Çäklendirilen, möhlet goýlan. **54.** «Agaç ekeni biler, ... – bakany» (nakyl). **56.** Taraplary gönüburçluk şekilinde boglan saman, bede. **57.** Nýu-Ýork şäheriniň gysga aňladylyşy. **58.** Italýan sousy. **59.** Oglan ady. **60.** Ýaglyk.

**Ogulgerek ORAZLYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## 64-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Magnit meridianyň ugruny görkezýän enjam. **2.** Afrikada bir döwlet. **3.** Ýukajyk, ýylmanak ýüpek mahmalyň bir görnüşi. **4.** Toýundan bişirilip ýasalýan, daşy syrçaly ýa-da syrçasyz ullakan küýze. **5.** Ýumurtganyň hiline gözegçilik etmek üçin ulanylýan enjam. **6.** Baganadan, sütükli deriden tikilýän, uzyn gulakly ýyly telpek. **9.** Uzak aralyklara köp mukdarda maglumat geçirmek üçin ulanylýan, süýümli optiki tor tehnologiýasy. **11.** Tailandyň paýtagty. **13.** Çap enjamynyň bir görnüşi. **14.** Tropik miwe. **15.** Ot ýakmak üçin ulanylýan, bir ujy ýanýan jisimli inçejik çöpjagaz. **16.** Günorta Afrikada bir derýa. **17.** Bugra bilen arwanadan bolan düýe. **19.** Gyzyl, altyn.

**KESELIGINE:** **1.** Tegelek şekilli kiçijik sendwiçler. **4.** Günorta hytaý deňziniň Tonkin aýlagy. **7.** Piliň gadymy görnüşi. **8.** Optiki gurallaryň bir görnüşi. **10.** Materik. **11.** Çeh futbol topary. **12.** Ilkidurmuş adamlaryň bir urugy. **15.** Ýük ulagynyň bir bölegi. **18.** Boýunbag. **20.** Işlenip taýýarlanan pagta süýümi. **21.** Kolumbiýanyň milli torbasy. **22.** Bezeg güli. **23.** Ýeriň üstki gatlagyny emele getirýän, hasyl berýän gum. **24.** Goşgy düzüliş formasynyň bir görnüşi.

**Eziz ATAMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

### 61-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| M | A | H | I | T | O | | Ş | | T | | M | A | K | S | I | M |
| E | | | N | | W | A | R | Ş | A | W | A | | A | | | A |
| R | A | S | T | | A | | E | | L | | Ý | A | N | D | A | K |
| M | | | E | | L | E | K | S | I | K | A | | B | | | S |
| E | | | G | | | R | | A | | O | | | E | | | A |
| R | U | B | R | I | K | A | | B | | K | L | A | R | N | E | T |
| | L | | A | | Ä | | P | O | S | | A | | R | | N | |
| Ý | A | Ý | L | A | | | A | | A | | | B | A | G | E | T |
| | | | | Ý | | I | Ç | A | L | Y | | A | | | | |
| L | A | K | G | Y | | | A | | Y | | | O | P | O | K | U |
| | R | | A | | Ü | | K | E | M | | O | | A | | Ö | |
| D | O | G | R | A | M | A | | N | | A | M | E | R | I | K | A |
| U | | | P | | | Ň | | N | | P | | | A | | | T |
| B | | | A | | A | K | P | A | M | Y | K | | G | | | H |
| L | Ý | U | M | E | N | | R | | U | | A | R | W | A | N | A |
| I | | | Y | | A | S | U | N | S | O | N | | A | | | N |
| N | E | R | K | E | S | | T | | A | | E | Z | Ý | A | K | A |

### 62-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| B | U | G | | | | | N | A | T | Ý | U | R | M | O | R | T |
| | Ç | A | K | | O | | U | | A | | G | | A | | | M |
| | | P | O | L | Ý | U | S | | B | I | R | G | E | Ň | S | I |
| | G | | M | | U | | A | | A | | U | | S | | E | N |
| | I | S | P | A | N | I | Ý | A | | S | N | E | T | O | K | |
| | D | | A | | J | | | T | | | A | | R | | U | |
| A | R | A | S | S | A | | | A | | | | T | O | N | N | A |
| | O | | | | K | A | R | K | A | R | A | | | | D | |
| U | S | S | A | T | | | | A | | | K | R | E | T | O | N |
| | F | | R | | B | | | M | | | Y | | Ý | | M | |
| S | E | N | A | G | A | T | | A | H | A | L | T | E | K | E | |
| A | R | | L | | L | | A | | Ü | | D | | L | | R | |
| B | A | D | A | M | J | A | N | | L | Ý | A | P | I | S | | |
| Y | | | M | | A | | A | | L | | R | | K | A | K | |
| N | A | Z | A | R | K | E | R | D | E | | | | | Z | Ä | K |

### 48-nji skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | S | | S | | M | A | L | E |
| H | A | N | O | Ý | | B | | D |
| | N | | M | E | D | U | Z | A |
| K | A | K | | G | A | J | A | R |
| | | E | L | | L | A | M | A |
| S | O | F | I | Ý | A | | Ç | |
| | Ý | A | R | A | Ş | M | A | Z |
| T | U | L | I | Ý | | O | | I |
| | N | | K | | A | L | A | W |
| D | | S | A | N | H | O | S | E |
| O | W | A | | I | | T | U | R |
| D | | D | O | L | Y | | N | |
| O | W | A | Z | | N | A | S | A |
| M | | K | A | Ş | A | L | O | T |
| A | R | A | N | | M | A | N | Y |

### 49-njy skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| M | | K | L | E | O | P | A | T | R | A | | A | | H |
| E | | | | | | U | | U | | Ý | A | Ş | | A |
| K | | | | G | A | D | A | G | A | N | | G | A | R |
| G | A | B | S | A | | E | | R | | A | T | A | | P |
| E | | I | | Ý | O | L | D | A | | | | B | A | L |
| J | A | N | E | T | | | I | | | | | A | | Y |
| Ö | | A | | A | R | P | A | | G | A | L | T | A | K |
| W | A | G | Y | R | | E | N | A | R | | O | | K | |
| E | | Ä | | G | I | T | A | R | A | | T | I | R | E |
| N | A | R | L | Y | | | | A | M | M | O | N | I | Ý |
| | L | | E | | | | | Z | | E | | E | L | E |
| G | Y | M | M | A | T | | S | A | Ň | S | A | R | | L |
| | S | | M | | E | | E | | | O | | | | I |
| K | A | R | E | | R | E | Ý | H | A | N | | | | K |
| | | E | R | B | E | D | I | | W | A | G | Ý | U | |
| S | E | A | | U | Z | A | K | D | A | | U | | G | |
| U | | K | Ä | Ş | I | R | | | T | A | Ý | B | E | Ý |
| R | E | T | | | | A | R | K | A | S | Y | N | D | A |
| A | | I | | | | | | E | R | A | | R | E | B |
| Ý | E | W | R | A | Z | I | Ý | A | | L | I | | Ý | A |



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Ýurdumyzyň milli çempionaty tamamlandy

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasy tamamlandy. Iň soňky, ýagny 28-nji tapgyryň çäginde geçirilen 4 duşuşykda 18 gol hasaba alyndy. Ýene bir ýola ähli duşuşygynda ýeňiş gazanyp, bassyr 3-nji çempionlygyny gazanan «Arkadag» topary 28-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Nebitçi» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykdy. 3 möwsümden bäri ýeke utuk hem ýitirmän gelýän «Arkadag» toparynyň gollaryny Resul Hojaýew (3), Didar Durdyýew (13), Şamämmet Hydyrow (47) hem-de Diýargylyç Urazow (88) geçirdi. Myhman topara ýeke-täk golunу 77-nji minutda Seýitmämmet Hojamämmedow öz adyna ýazdyrdy. Duşuşykda «Arkadag» toparynyň oýunçysy Ilýas Çaryýew 73-nji minutda gyzyl kart aldy.

4–1 hasap bilen tamamlanan ýene bir oýunda «Şagadam» topary «Köpetdagdan» üstün çykmagy başardy. Kenarýaka şäheriniň wekiliniň erjel oýun görkezen duşuşygynda ýer eýeleriniň gollaryny Ylhas Magtymow (41 p), Ionel Kosofana (61), Mekan Aşyrow (64), Azizbek Bekçanow (76) geçirse, myhmanlaryň adyndan Emir Berdiýew (80 p) tapawutlandy.

5 gol geçirilen başga bir duşuşykda «Altyn Asyr» topary iň aşaky orunda barýan «Merw» toparyny 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Aragatnaşykçylardan Selim Nurmyradowyň (22), Rahman Myratberdiýewiň (79) hem-de Zafar Babajanowyň (87) gollaryny bilen 2–1 hasabynda öňe geçen «Merwden» Şöhrat Öwmadowyň (26) we Mukam Nazzyýewiň (48) gollary ýeňşe ýetmedi.

Çempionaty 2-nji orunda tamamlamaga hukuk gazanan «Ahal» topary soňky tapgyrda öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyndan 2-1 hasabynda asgyn geldi. «Ahaldan» Alibek Abdyrahmanowyň 73-nji minutdaky ýeke-täk goluna paýtagtlylardan Pirmyrat Sultanow 39-njy we 79-njy minutlarda jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 28 | 28 | 0 | 0 | 105-15 | 84 |
| 2 | «AHAL» | 28 | 17 | 4 | 7 | 54-26 | 55 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 28 | 16 | 5 | 7 | 54-35 | 53 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 28 | 12 | 7 | 9 | 32-32 | 43 |
| 5 | «NEBITÇI» | 28 | 9 | 6 | 13 | 22-41 | 33 |
| 6 | «AŞGABAT» | 28 | 7 | 3 | 18 | 23-54 | 24 |
| 7 | «KÖPETDAG» | 28 | 3 | 5 | 20 | 21-72 | 14 |
| 8 | «MERW» | 28 | 2 | 6 | 20 | 16-52 | 12 |

# «The Best FIFA Awards – 2025»-iň ýeňijileri mälim edildi

Dünýä futbolynyň iň uly guramaçysy bolan FIFA ýylyň ökdelerini saýlady. Kataryň paýtagty Dohada geçirilen dabarada «The Best FIFA Awards» baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. Futbolyň öňki-soňky ýyldyzlarynyň gatnaşan dabarasynda 2025-nji ýylyň iň ökde futbolçysy diýlip, PSŽ-niň fransiýaly oýunçysy Usman Dembele saýlandy. Dembele bu ugurda Lamin Ýamal bilen Kilian Mbappeni yzda galdyrdy. 26 ýaşyndaky winger şu ýylda gazanyp boljak ähli şahsy baýraklaryň eýesi boldy.



Erkekleriň arasynda ýylyň tälimçisi diýlip, PSŽ toparynyň ispaniýaly hünärmeni Luiz Enrike saýlandy. Toparyň öňki, «Mançester Sitiniň» häzirki derwezeçisi Janluiji Donnarumma ýylyň derwezeçisi diýen baýraga laýyk görüldi. Ýylyň iň owadan goluna berilýän Puşkaş baýragy «Independiente» toparynyň argentinaly oýunçysy Santiago Montiele gowşuryldy.

Zenanlaryň arasynda ýylyň iň ökde oýunçysy diýlip, ýene-de «Barselonanyň» ispaniýaly ýyldyzy Aitana Bonmati saýlandy. Ol bassyr 3-nji gezek bu baýraga mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda «Çelsi» toparyndan Hanna Hampton ýylyň derwezeçisi diýlip yglan edildi. Zenan futbolynda ýylyň tälimçisi baýragyna Angliýanyň milli ýygyndysynyň niderland tälimçisi Sarina Wigman laýyk görüldi. Ol bu baýraga 2017-nji, 2020-nji, 2022-nji, 2023-nji ýyllardan soň 5-nji gezek mynasyp bolýar.

Zenan futbolçylaryň geçiren gollarynyň arasyndan iň owadan gol hökmünde Meksikanyň UANL toparynyň oýunçysy Lizbet Owalleniň goly saýlandy we ol Marta baýragy bilen sylaglandy.

Erkekleriň arasynda ýylyň simwolik toparyna Janluiji Donnarumma, Nunu Mendeş, Wirjil Wan Deýk, Willian Paço, Aşraf Hakimi, Jud Bellingam, Pedri, Witinýa, Koul Palmer, Usman Dembele, Lamin Ýamal dagy saýlandy. Diňe angliýaly hem-de ispaniýaly futbolçylardan düzülen zenanlaryň simwolik ýygyndysyna Hannah Hampton, Lusi Bronz, Lea Williamson, Irene Parades, Ona Batlle, Klaudia Pina, Patri Guihara, Aitana Bonmati, Aleksia Putelýas, Alessia Russo, Mariona Kaldenti ýaly oýunçylar alyndy.




# PSŽ ŞU ÝYLKY 6-njy KUBOGYNY GAZANDY

Fransiýanyň PSŽ topary 2025-nji ýyl tamamlanmanka ýene bir kuboga mynasyp boldy. Parižliler FIFA Yklymlararasy Kubogy ýaryşynyň finalynda Braziliýanyň «Flamengo» topary bilen duşuşdy. Kataryň Al-Raýýan şäherindäki Ahmad bin Aliniň adyny göterýän stadionda oýnalan finala 42 müň 150 janköýer tomaşa edip, duşuşygyň esasy wagtynda ýeňiş gazanan bolmady. Duşuşygyň 38-nji minutynda Hwiça Kwarateliýanyň goly bilen PSŽ öňe saýlandy. Brazil kluby öň «Çelsidir» «Arsenalda» oýnan Žoržinionyň 62-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urmagy bilen, hasaby deňledi. Oýnuň esasy hem-de goşmaça wagtynda hasap üýtgemedi. Oýundan soň ýeňijini 11 metrlik jerime urgulary kesgitläp, PSŽ-niň russiýaly derwezeçisi Matweý Safonow erjellik görkezmegi başardy. Bu urgularda 2-1 hasabynda üstün çykan PSŽ-niň derwezeçisi yzly-yzyna 3 urgyny saklap, toparynyň ýeňşine saldamly goşant goşdy. PSŽ-de Witinýa bilen Nunu Mendeşiň, «Flamengoda» bolsa De la Kruzuň urgusy takyk boldy. Şunlukda, PSŽ topary 2025-nji ýyldaky 6-njy kubogyny asmana göterip, taryhy başarnyk görkezdi. PSŽ topary «Barselonadyr» (2009) «Bawariýadan» (2020) soň bir ýylyň 6 kubok bilen tamamlan 3-nji klub hökmünde hasaba alyndy. «Pari Sen-Žermen» topary şu ýylda Fransiýanyň çäginde «Ligue 1»-iň çempionlygyny, Fransiýanyň Kubogyny, ýylyň başynda-da Fransiýanyň Super Kubogyny gazandy. Halkara ýaryşlarda UEFA Çempionlar Ligasynyň, UEFA Super Kubogynyň hem-de FIFA Yklymlararasy Kubogyň ýeňijisi boldy.






Bu ýaryş täzeçe formatda 2-nji gezek geçirilip, PSŽ topary «Real Madridden» soň çempionlyk gazanan 2-nji topar hökmünde bellige alyndy. Ähli yklymyň çempionlarynyň gatnaşýan ýaryşynda UEFA-nyň wekili gönümel finala çyksa, Libertadores Kubogynyň ýeňijisi finala çenli 2 duşuşyk geçirmeli bolýar. Ýaryş sentýabr aýynda başlap, dekabr aýynda-da tamamlanýar.

# 35-nji Afrika Milletler Kubogy başlanýar

Hepdäniň ýekşenbe güni, ýagny 21-nji dekabrda futbol boýunça Afrika Milletler Kubogy ýaryşyna badalga berler. Marokkoda geçiriljek 35-nji Afrika Milletler Kubogyna 24 ýygyndy gatnaşýar. Olar 6 toparçada çykyş ederler. Duşuşyklar ýurduň paýtagty Rabat (4 stadion), şol sanda Marrakeş, Kasablanka, Agadir, Fes, Tanžer şäherlerindäki, jemi 9 stadionda oýnalar. Her toparçada 1-2-nji orny eýelänler, şol sanda, 3-nji orunda tamamlanlaryň iň gowy netije görkezen 4-si 1/8 finala çykar.

Çempionatyň açylyş duşuşygynda ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy Komor adalarynyň ýygyndysy bilen duşuşar. Ýaryşyň finaly 18-nji ýanwarda Rabatdaky 68 müň 700 orunlyk Şazada Mulaý Abdellahyň adyny göterýän stadionda oýnalar.

1957-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän ýaryşda Müsüriň ýygyndysy 7, Kamerunyň ýygyndysy 5, bu gezek ýaryşyň daşynda galan Gananyň ýygyndysy 4, Nigeriýa bilen Kot-d'Iwuaryň ýygyndylary 3, Alžir bilen Kongo DR-niň milli toparlary 2 gezek çempionlyk gazandy.

**«A»: Marokko, Mali, Zambiýa, Komor adalary**
**«B»: Müsür, Günorta Afrika, Angola, Zimbabwe**
**«C»: Nigeriýa, Tunis, Uganda, Tanzaniýa**
**«D»: Senegal, Kongo DR, Benin, Botswana**
**«E»: Alžir, Burkina Faso, Ekwator Gwineýasy, Sudan**
**«F»: Kot-d'Iwuar, Kamerun, Gabon, Mozambik**




**19-njy dekabr (anna)**
- Borussiýa D – Borussiýa M (00:30)
- Walensiýa – Malýorka (01:00)

**20-nji dekabr (şenbe)**
- Nýukasl – Çelsi (17:30)
- Man. Siti – West Ham (20:00)
- Tottenham – Liwerpul (22:30)
- Leipsig – Baýer (22:30)
- Ýuwentus – Roma (00:45)
- Ewerton – Arsenal (01:00)
- Real Madrid – Sewilýa (01:00)

**21-nji dekabr (ýekşenbe)**
- Žirona – Atletiko (18:00)
- Wilýarreal – Barselona (20:15)
- A. Willa – M. Ýunaýted (21:30)
- Haýdenhaým – Bawariýa (21:30)
- Fraýburg – Borussiýa D (19:30)
- Bawariýa – Maýns (21:30)

**22-nji dekabr (duşenbe)**
- Italiýanyň Super Kubogynyň finaly (00:00)
- M. Ýunaýted – Bornmut (01:00)

# «Arsenala» awtogollar ýeňiş getirdi

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Arsenala» iň aşaky orunda barýan «Wulwerhempton» toparyny ýeňmek ýeňil düşmedi. 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan londonlylaryň 2 goly hem awtogol hökmünde hasaba alyndy. 70-nji minutda top burçdan göni derweзä urlup, derwezeçi Jonstouna degdi we tora girdi. 90-njy minutda myhmanlar hasaby deňlese-de, 90+4-nji minutda Gabriel Žesusyň uran urgusy goragçy Moskera degip, derwezä girdi. «Mançester Siti» myhmançylykda «Kristal Palasyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirip, gollary Erling Holann (2) bilen Fil Foden öz atlaryna ýazdyrdylar.



Çekeleşikli geçen oýunda «Aston Willa» myhmançylykda «West Ham» toparyny 3–2 hasabynda ýeňip, 3-nji basgançakdaky ornuny saklamagy başardy. 2 gezek öňe geçen ýer eýelerine myhmanlar Mawropanosyň awtogoly hem-de Rojersiň 2 takyk urgusy bilen jogap berdi. «Aston Willa» ähli ýaryşlarda soňky 9 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýär. Yzygiderli ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekýän «Liwerpul» topary öz meýdançasynda «Braýtony» Ekitikeniň 1-nji we 60-njy minutlarda salan gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňdi. Oýunda soňky günlerde tälimçisi bilen arasyna tow düşen Salah 26-njy minutda meýdança girip, 2-nji goluň asistini etdi. «Çelsi» hem şol hasap bilen «Ewertony» ýeňmegi başardy. Duşuşykda uzak wagtlyk şikesden saplanan Koul Palmer hem-de goragçy Malo Gusto tapawutlandy. Hadson-Odoiniň 2 gol geçiren oýnunda «Nottingam Forest» öz meýdançasynda «Tottenham» toparyndan 3-0 hasabynda üstün çykdy. 8 ýyldan soň oýnalan «Tyne-Wear» derbisinde «Sanderland» öz meýdançasynda «Nýukasly» myhman toparyň germaniýaly hüjümçisi Woltemadeniň 47-nji minutdaky awtogoly bilen ýeňmegi başardy. «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Bornmut» bilen duşuşyp, 8 goluň geçirilen oýnunda ýeňiş gazanan bolmady. Ýer eýeleriniň 3 gezek öňe geçen duşuşygynda olara üstünligini saklamak başartmady.

# 148 ýyllyk taryhynda 5-nji uly kubogy

Şotlandiýanyň Liga Kubogy ýaryşynyň finalynda «Sent Mirren» bilen «Seltik» toparlary duşuşdy. Glazgo şäherindäki «Hampden Park» stadionynda oýnalan finala «Sent Mirren» topary 2-nji minutda Freýzeriň tapawutlanmagynda gol bilen başlady. Duşuşygyň 23-nji minutynda «Seltik» Haýuganyň takyk urgusy bilen hasaby deňlesede, «Sent Mirren» 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezdi. 64-nji we 76-njy minutlarda Aýunga tapawutlanyp, «Sent Mirren» topary 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu olaryň 2013-nji ýyldan soň 2-nji ýeňşi boldy. Umumylykda Peýsli şäheriniň wekili 148 ýyllyk taryhynda uly ýaryşlary hasaba alanyňda, 5-nji kubogyny gazandy. Toparyň beýleki 3 uly kubogy Şotlandiýanyň Kubogy ýaryşynyň ýeňşidir.



# Ýarym finalda London derbisi

Angliýanyň Liga Kubogy ýaryşynda (EFL Cup) çärýek finalda «Çelsi» myhmançylykda «Kardiff Siti» toparyny Granaço (57, 90+3) hem-de Netonyň (82) gollary bilen 3-1 hasabynda ýeňdi. «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Brentforddan» 2-0 (Şerki 32, Sawinio 67) hem-de «Nýukasl» topary «Fulhamdan» 2-1 (Wissa 10, Maýli 90+2 – Lukiç 16) hasabynda üstün çykdy. «Arsenal» bilen «Kristal Palas» toparlarynyň duşuşygy 23-nji dekabrda oýnalar. Şeýlelikde, ýaryşyň ýarym finalynda «Nýukasl» bilen «Mançester Siti», «Çelsi» bilenem «Arsenal» ýa-da «Kristal Palas» duşuşar. Ýarym finalyň oýunlary ýanwar we fewral aýlarynda geçiriler.



**PREMIER LEAGUE (16) – 34 gol**

**Liwerpul—Braýton: 2–0** (Ekitike 1, 60), **Çelsi—Ewerton: 2–0** (Palmer 21, Gusto 45+1), **Börnli—Fulham: 2–3** (Uguçukwu 21, Sonne 86 — Smit-Rou 9, Bassi 31, Wilson 58), **Arsenal—W. Hempton: 2–1** (Jonstoun 70 ö.d., Moskera 90+4 ö.d. — Arokodare 90), **West Ham—A. Willa: 2–3** (Fernandeş 1, Bowen 24 — Mawropanos 9 ö.d., Rojers 50, 79), **K. Palas—M. Siti: 0–3** (Holann 41, 88 p, Foden 69), **N. Forest—Tottenham: 3–0** (Hadson-Odoi 28, 50, Sangare 79), **Sanderland—Nýukasl: 1–0** (Woltemade 46 ö.d.), **Brentford—Lids: 1–1** (Henderson 70 — Kalwert-Lýuwin 82), **M. Ýunaýted—Bornmut: 4–4** (Diallo 13, Kazemiro 45+4, B. Fernandeş 77, M. Kunýa 79 — Semenýo 40, Ewanilson 46, Tawernie 52, Krupi 84)

**LA LIGA (16) — 25 gol**

**R. Sosiedad—Žirona: 1–2** (Gedeş 35 — Sygankow 76, 84), **Atletiko—Walensiýa: 2–1** (Koke 17, Grizmann 74 — Beltran 63), **Malýorka—Elçe: 3–1** (Morlanes 5, Maskarel 82, Muriki 89 — Maffeo 21 ö.d.), **Barselona—Osasuna: 2–0** (Rafinýa 70, 86), **Hetafe—Espanýol: 0–1** (Kabrera 53), **Sewilýa—Owiedo: 4–0** (Adams 4, Sou 22, Mendi 51, Edžuke 89), **Selta—Atletik: 2–0** (Swedberg 48, El-Abdellaiu 55), **Alawes—Real Madrid: 1–2** (Wisente 68 — Mbappe 24, Rodrigo 76), **R. Wallekano—Betis: 0–0, Lewante—Wilýarreal** (soňa goýuldy)

**SERIE A (15) — 19 gol**

**Leççe—Pisa: 1–0** (Ştuliç 72), **Torino— Kremoneze: 1–0** (Wlaşiç 27), **Parma—Lasio: 0–1** (Noslin 82), **Atalanta—Kaliari: 2–1** (Skamakka 11, 81 — Gaetano 75), **Milan—Sassuolo: 2–2** (Bertezagi 34, 47 — Kone 13, Lloryante 77), **Udineze—Napoli: 1–0** (Ekkelenkamp 73), **Fiorentina—Werona: 1–2** (Unaý Nunýes 69 ö.d. — Orban 42, 90+3), **Jenoa—Inter: 1–2** (Witinýa 68 — Bissek 6, Martines 38), **Bolonýa—Ýuwentus: 0–1** (Kabal 64), **Roma—Komo: 1–0** (Wesli Fransa 61)

**BUNDESLIGA (14) — 29 gol**

**Union Berlin—Leipsig: 3–1** (Berk 57, Ansa 64, Skarke 90+3 — Gomis 60), **Hoffenhaým—Hamburg: 4–1** (Prömel 8, Kabak 31, Lemperle 65, Asllani 72 — Filipp 82), **Sankt-Pauli—Haýdenhaým: 2–1** (Kaars 35, 53 — Piringer 64), **Borussiýa M—Wolfsburg: 1–3** (Kulierakis 22 ö.d. — Wimmer 4, 34, Amura 30), **Aýntraht—Augsburg: 1–0** (Doan 68), **Baýer—Köln: 2–0** (Terrie 66, Andrih 72), **Fraýburg—Borussiýa D: 1–1** (Höler 75 — Bensebiani 31), **Bawariýa—Maýns: 2–2** (Karl 29, Keýn 87 p — Potulski 45+2, Li Je Son 67), **Werder—Ştutgart: 0–4** (El-Hannus 40, Leweling 44, Undaw 79, Fürih 90+7)

**LIGUE 1 (16) — 28 gol**

**Anže—Nant: 4–1** (Abdelli 17 p, Şerif 60, Jibirin 87, Raolisoa 90+4 — Sentonz 81), **Renn—Brest: 3–1** (Lepol 24, Al-Tamari 25, Meýte 87 — Balde 13), **Mets—PSŽ: 2–3** (Deminge 42, Sitaişwili 80 — Ramuş 31, Ndžantu 39, Due 63), **Pariž—Tuluza: 0–3** (Hidalgo 29, Gboo 37, 69), **Lion—Le Hawr: 1–0** (Şuls 52), **Strasbur—Loriýan: 0–0, Oser—Lill: 3–4** (Sinaýoko 57, 83 p, Mbemba 66 ö.d. — Haraldsson 9, Bentaleb 77, Diaun 80, Andre 86), **Lans—Nissa: 2–0** (Eduar 15, 57), **Marsel—Monako: 1–0** (Grinwud 82)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 16 | 11 | 3 | 2 | 30-10 | 36 |
| 2 | MAN. SITI | 16 | 11 | 1 | 4 | 38-16 | 34 |
| 3 | ASTON WILLA | 16 | 10 | 3 | 3 | 25-17 | 33 |
| 4 | ÇELSI | 16 | 8 | 4 | 4 | 27-15 | 28 |
| 5 | M. ÝUNAÝTED | 16 | 7 | 5 | 4 | 30-26 | 26 |
| 6 | KRISTAL PALAS | 16 | 7 | 5 | 4 | 20-15 | 26 |
| 7 | LIWERPUL | 16 | 8 | 2 | 6 | 26-24 | 26 |
| 8 | SANDERLAND | 16 | 7 | 5 | 4 | 19-17 | 26 |
| 9 | EWERTON | 16 | 7 | 3 | 6 | 18-19 | 24 |
| 10 | BRAÝTON | 16 | 6 | 5 | 5 | 25-23 | 23 |
| 11 | TOTTENHAM | 16 | 6 | 4 | 6 | 25-21 | 22 |
| 12 | NÝUKASL | 16 | 6 | 4 | 6 | 21-20 | 22 |
| 13 | BORNMUT | 16 | 5 | 6 | 5 | 25-28 | 21 |
| 14 | FULHAM | 16 | 6 | 2 | 8 | 23-26 | 20 |
| 15 | BRENTFORD | 16 | 6 | 2 | 8 | 22-25 | 20 |
| 16 | N. FOREST | 16 | 5 | 3 | 8 | 17-25 | 18 |
| 17 | LIDS | 16 | 4 | 4 | 8 | 20-30 | 16 |
| 18 | WEST HAM | 16 | 3 | 4 | 9 | 19-32 | 13 |
| 19 | BÖRNLI | 16 | 3 | 1 | 12 | 18-33 | 10 |
| 20 | W. HEMPTON | 16 | 0 | 2 | 14 | 9-35 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 17 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 11 |
| 3 | Danni WELBEK (Braýton) | 7 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 7 |
| 5 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 7 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 17 | 14 | 1 | 2 | 49-20 | 43 |
| 2 | REAL MADRID | 17 | 12 | 3 | 2 | 34-16 | 39 |
| 3 | WILÝARREAL | 15 | 11 | 2 | 2 | 31-13 | 35 |
| 4 | ATLETIKO M | 17 | 10 | 4 | 3 | 30-16 | 34 |
| 5 | ESPANÝOL | 16 | 9 | 3 | 4 | 20-16 | 30 |
| 6 | BETIS | 16 | 6 | 7 | 3 | 25-19 | 25 |
| 7 | ATLETIK B | 17 | 7 | 2 | 8 | 15-22 | 23 |
| 8 | SELTA | 16 | 5 | 7 | 4 | 20-19 | 22 |
| 9 | HETAFE | 16 | 6 | 2 | 8 | 13-18 | 20 |
| 10 | SEWILÝA | 16 | 6 | 2 | 8 | 24-24 | 20 |
| 11 | ELÇE | 16 | 4 | 7 | 5 | 19-20 | 19 |
| 12 | R. WALLEKANO | 16 | 4 | 6 | 6 | 13-16 | 18 |
| 13 | ALAWES | 16 | 5 | 3 | 8 | 14-17 | 18 |
| 14 | MALÝORKA | 16 | 4 | 5 | 7 | 18-23 | 17 |
| 15 | R. SOSIEDAD | 16 | 4 | 4 | 8 | 20-24 | 16 |
| 16 | OSASUNA | 16 | 4 | 3 | 9 | 14-20 | 15 |
| 17 | WALENSIÝA | 16 | 3 | 6 | 7 | 15-25 | 15 |
| 18 | ŽIRONA | 16 | 3 | 6 | 7 | 15-30 | 15 |
| 19 | OWIEDO | 16 | 2 | 4 | 10 | 7-26 | 10 |
| 20 | LEWANTE | 15 | 2 | 3 | 10 | 16-28 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 17 |
| 2 | Ferran TORRES (Barselona) | 11 |
| 3 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 9 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 8 |
| 5 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 7 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 15 | 11 | 0 | 4 | 34-14 | 33 |
| 2 | MILAN | 15 | 9 | 5 | 1 | 24-13 | 32 |
| 3 | NAPOLI | 15 | 10 | 1 | 4 | 22-13 | 31 |
| 4 | ROMA | 15 | 10 | 0 | 5 | 16-8 | 30 |
| 5 | ÝUWENTUS | 15 | 7 | 5 | 3 | 19-14 | 26 |
| 6 | BOLONÝA | 15 | 7 | 4 | 4 | 23-13 | 25 |
| 7 | KOMO | 15 | 6 | 6 | 3 | 19-12 | 24 |
| 8 | LASIO | 15 | 6 | 4 | 5 | 17-11 | 22 |
| 9 | SASSUOLO | 15 | 6 | 3 | 6 | 21-19 | 21 |
| 10 | UDINEZE | 15 | 6 | 3 | 6 | 16-22 | 21 |
| 11 | KREMONEZE | 15 | 5 | 5 | 5 | 18-18 | 20 |
| 12 | ATALANTA | 15 | 4 | 7 | 4 | 19-18 | 19 |
| 13 | TORINO | 15 | 4 | 5 | 6 | 15-26 | 17 |
| 14 | LEÇÇE | 15 | 4 | 4 | 7 | 11-19 | 16 |
| 15 | KALIARI | 15 | 3 | 5 | 7 | 15-21 | 14 |
| 16 | JENOA | 15 | 3 | 5 | 7 | 16-23 | 14 |
| 17 | PARMA | 15 | 3 | 5 | 7 | 10-18 | 14 |
| 18 | WERONA | 15 | 2 | 6 | 7 | 13-22 | 12 |
| 19 | PISA | 15 | 1 | 7 | 7 | 10-20 | 10 |
| 20 | FIORENTINA | 15 | 0 | 6 | 9 | 12-26 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 8 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 7 |
| 3 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 6 |
| 4 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 6 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 5 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 14 | 12 | 2 | 0 | 51-11 | 38 |
| 2 | LEIPSIG | 14 | 9 | 2 | 3 | 29-16 | 29 |
| 3 | BORUSSIÝA D | 14 | 8 | 5 | 1 | 24-12 | 29 |
| 4 | BAÝER | 14 | 8 | 2 | 4 | 30-19 | 26 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 14 | 8 | 2 | 4 | 29-20 | 26 |
| 6 | ŞTUTGART | 14 | 8 | 1 | 5 | 25-22 | 25 |
| 7 | AÝNTRAHT | 14 | 7 | 3 | 4 | 29-29 | 24 |
| 8 | UNION BERLIN | 14 | 5 | 3 | 6 | 19-23 | 18 |
| 9 | FRAÝBURG | 14 | 4 | 5 | 5 | 21-23 | 17 |
| 10 | KÖLN | 14 | 4 | 4 | 6 | 22-23 | 16 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 14 | 4 | 4 | 6 | 18-22 | 16 |
| 12 | WERDER | 14 | 4 | 4 | 6 | 18-28 | 16 |
| 13 | WOLFSBURG | 14 | 4 | 3 | 7 | 20-24 | 15 |
| 14 | HAMBURG | 14 | 4 | 3 | 7 | 15-24 | 15 |
| 15 | AUGSBURG | 14 | 4 | 1 | 9 | 17-28 | 13 |
| 16 | SANKT-PAULI | 14 | 3 | 2 | 9 | 13-26 | 11 |
| 17 | HAÝDENHAÝM | 14 | 3 | 2 | 9 | 13-30 | 11 |
| 18 | MAÝNS | 14 | 1 | 4 | 9 | 13-26 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 18 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 8 |
| 3 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 8 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 7 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 7 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LANS | 16 | 12 | 1 | 3 | 28-13 | 37 |
| 2 | PSŽ | 16 | 11 | 3 | 2 | 35-14 | 36 |
| 3 | MARSEL | 16 | 10 | 2 | 4 | 36-15 | 32 |
| 4 | LILL | 16 | 10 | 2 | 4 | 33-20 | 32 |
| 5 | LION | 16 | 8 | 3 | 5 | 22-16 | 27 |
| 6 | RENN | 16 | 7 | 6 | 3 | 27-24 | 27 |
| 7 | STRASBUR | 16 | 7 | 2 | 7 | 25-20 | 23 |
| 8 | TULUZA | 16 | 6 | 5 | 5 | 24-19 | 23 |
| 9 | MONAKO | 16 | 7 | 2 | 7 | 26-27 | 23 |
| 10 | ANŽE | 16 | 6 | 4 | 6 | 17-18 | 22 |
| 11 | BREST | 16 | 5 | 4 | 7 | 21-27 | 19 |
| 12 | LORIÝAN | 16 | 4 | 6 | 6 | 19-28 | 18 |
| 13 | NISSA | 16 | 5 | 2 | 9 | 19-29 | 17 |
| 14 | PARIŽ | 16 | 4 | 4 | 8 | 21-29 | 16 |
| 15 | LE HAWR | 16 | 3 | 6 | 7 | 13-22 | 15 |
| 16 | OSER | 16 | 3 | 3 | 10 | 14-25 | 12 |
| 17 | NANT | 16 | 2 | 5 | 9 | 14-28 | 11 |
| 18 | METS | 16 | 3 | 2 | 11 | 17-37 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 11 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 9 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 9 |
| 4 | Odson EDUAR (Lans) | 7 |
| 5 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 6 |

# «Serie A»-da ýene-de lider üýtgedi

Italiýanyň çempionatynda ýene-de sanawyň lideri üýtgedi. Öz meýdançasynda «Sassuolony» ýeňip bilmedik «Milan» 2 hepdelik liderligini şäherdeşi «Intere» aldyrdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Milan» bilen «Sassuolo» toparlary 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. «Milanyň» gollarynyň ikisini hem 19 ýaşyndaky Dawide Bertezagi geçirip, ol Maldiniden soň tapawutlanan iň ýaş goragçy boldy. «Jenoany» myhmançylykda Bissek hem-de Martinesiň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňen «Inter» 1-nji orna beýgeldi. Soňky çempion «Napoli» myhmançylykda «Udinezeden» 1-0 hasabynda asgyn geldi. Ýer eýelerine ýeňiş getiren ýeke-täk goly 73-nji minutda owadan urgy bilen Ekkelenkamp öz adyna ýazdyrdy. «Ýuwentus» hem şol hasap bilen myhmançylykda «Bolonýany» ýeňlişe sezewar edip, turinlilere 3 utuk gazandyran goly 64-nji minutda Kabal derwezä girizdi. «Komodan» Wesli Fransanyň ýeke-täk goly bilen üstün çykan «Roma» 2 ýeňlişden soň ýeňiş gazanmagy başardy.



Germaniýanyň çempionatynda sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» möwsümde 2-nji gezek utuk ýitirdi. Öz meýdançasynda iň aşaky basgançakda barýan «Maýns» bilen duşuşan münhenliler soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy. Ýaş oýunçy Karlyň goly bilen öňe geçen «Bawariýa» Potulski hem-de Li Je Sonuň gollaryna çäre tapyp bilmedi. 87-nji minutda Harri Keýn 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, toparyna 1 utuk gazandyrdy. «Leipsigiň» myhmançylykda «Union Berlinden» 3-1 hasabynda utulan tapgyrynda «Baýer» öz meýdançasynda «Kölni» Terrieniň hem-de Andrihiň gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňdi. Dortmundyň «Borussiýasy» myhmançylykda «Fraýburg» bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady.

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» öz meýdançasynda «Osasuna» toparyny Rafinýanyň 70-nji hem-de 86-njy minutlarda geçiren gollary esasynda 2-0 hasabynda utdy. Madridiň «Realy» myhmançylykda «Alawesi» Mbappe hem-de Rodrigonyň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda madridlilere ýeňiş getiren goly geçiren Rodrigo çempionatda 11 aýdan soň tapawutlanmak başartdy. «Real Madrid» çempionatda soňky 6 oýunda 2-nji gezek ýeňiş gazandy. Şol hasap «Atletiko» bilen «Walensiýanyň» arasyndaky oýunda da madridlileriň peýdasyna hasaba alyndy.

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Lans» öz meýdançasynda «Nissany» Eduaryň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňip, ornuny saklamagyň hötdesinden geldi. Soňky çempion PSŽ myhmançylykda «Mets» bilen duşuşyp, 3-2 hasabynda üstün çykdy. «Marseliň» öz meýdançasynda «Monakony» Grinwudyň ýeke-täk goly bilen ýeňen tapgyrynda «Lill» myhmançylykda «Oseri» 4-3 hasabynda utdy. Çekeleşikli geçen oýunda her topar 2-3 gezek öňe saýlandy. Duşuşykda her topardan 2 futbolçy gyzyl kart aldy.





Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «KESEARKAJYŇ DÜZÜNDE» AÝDYMY BILEN ADYGAN

***Mertebäňdir at-abraýyň döwlet derejesinde ykrar edilmegi adama şöhrat getirýär. Şol şanly waka bolsa ynsan ömrüni şeýle bir bezeýär welin, onuň täsiri bir ömre, bir ykbala barabar bolýar. 2025-nji ýylda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda medeniýet, sungat, döredijilik işgärleriniň bir topary Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Şa serpaýyna we hormatly atlara mynasyp boldular. Şolaryň arasynda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly ada mynasyp bolan, häzirki wagtda Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr sungaty fakultetinde ýaşlara sahna dilinden sapak berýän Geldi Myratnazarow hem bar. Ýakynda hormatly adyň eýesi Geldi Myratnazarow bilen söhbetdeş bolup, onuň ömür we döredijilik ýoly hakyndaky maglumatlary giň okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildik.***

Mary welaýatynyň Garagum etrabynyň Şatlyk geňeşliginde dünýä inen Geldi turuwbaşdan sungata maýyl bolupdyr. Muňa onuň Türkmengala etrabynda ýaşap geçen daýysy Aşyrmyrat aganyň sebäp bolan bolmagam ahmal. Çünki Aşyrmyrat aga dutar çalyp, aýdym aýdyp, obadaşlaryna hezil beripdir. Daýysynyň dutarda çalýan sazlaryny, aýdýan aýdymlaryny ürç edip diňlän Geldiniň hem daýysy ýaly dutar çalyp, aýdym aýdasy gelipdir. Ol entek çagaka bugdaýdyr pagta meýdanyna suw tutmaga gidende, aýdyma hiňlener ýörer eken. Ol, esasan hem, Türkmenistanyň halk artistleri Sahy Jepbarowyň, Ödeniýaz Nobatowyň, Gaýgysyz Çaryýewiň, şeýle hem estrada aýdymçysy Annaberdi Atdanowyň radioda goýberilýän aýdymlaryny höwes bilen diňläpdir.

Geldi Myratnazarow mawy ekran arkaly goýberilýän filmleri hem ürç edip görer eken. Ol, esasan hem, halk artistler Alty Garlyýewiň, Muhammet Çerkezowyň hem-de öz obadaşy Muhammet Bekiýewiň keşp janlandyryşlaryna maýyl bolupdyr. Geldi orta bilimi obalaryndaky 7-nji mekdepde alýar. Ol mekdepde, esasan, edebiýat, taryh, geografiýa sapaklaryna ýykgyn edipdir. Orta mekdebiň 5-nji synpynda okaýarka mekdeplerinde hereket edýän drama gurnagyna hem-de obalaryndaky sungat mekdebiniň dutar gurnagyna gatnap, dutar çalmagy öwrenýär. Şeýlelikde, ol iki mekdebi utgaşdyryp alyp gidip, döwlet derejesindäki çärelerde çykyş edip, hormat hatlara mynasyp bolupdyr. Orta mekdebi oňat bahalar bilen tamamlan Geldi öz obadaşy, Türkmenistanyň halk artisti Muhammet Bekiýewiň hem-de Türkmenistanyň at gazanan artisti Berdi Aşyrowyň kömek-goldawy bilen Aşgabadyň şol wagtky Türkmen döwlet pedagogik-sungat institutynyň drama we kino aktýory bölümine resminamalaryny tabşyryp, döwlet synaglaryndan üstünlikli geçip, talyp bolup okap başlaýar. Ol institutda halypalar, Türkmenistanyň halk artistleri Nurmuhammet Keşşikow, Ata Alowow, Oguldurdy Mämmetgulyýewa, Aman Berdiýew dagydan aktýor ussatlygynyň inçe tilsimlerini özleşdirip ugraýar.

Institutda Geldiniň okaýan topary okuwyň ahyrky ýylynda diplom işi üçin «Allan aganyň maşgalasy» hem-de «Talyp söýgüsi» atly spektakllary sahnalaşdyrýar. Geldä bolsa baş keşbi janlandyrmagy tabşyrýarlar. Oňa şol keşpleri ynandyryjy janlandyrmak başardypdyr. Instituty tapawutlanan diplom bilen tamamlan Geldi Watan öňündäki gulluk borjuny ýerine ýetirmäge gidýär. Gullugyny tamamlap geleninden soňra ony 1989-njy ýylda öňki Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň şol wagtky baş ýolbaşçysy, Türkmenistanyň halk artisti, aktýor hem režissýor Baba Annanow teatra işe kabul edýär. Bu teatryň sahnasynda Geldä halypalar — Türkmenistanyň halk artistleri Hajy Annamämmedow, Ýelizaweta Garaýewa, Sabyr Ataýewa, Sona we Suraý Myradowalar, Oguldurdy Mämmetgulyýewa dagy bilen egin-egne berip, sahnada keşp janlandyrmak miýesser edýär.

Ýeri gelende kinorežissýor Myrat Orazow, sungat işgäri Toýly Allaýarow, Baýram Hekimow dagynyň hem Geldi bilen bir toparda okandyklaryny hem belläp geçesim gelýär. Baýry teatryň sahnasynda ýaňy okuwy tamamlan Geldi ilkinji gezek aktýor hem režissýor Nurmuhammet Keşşikowyň sahnalaşdyran «Japbaklar» atly sahna oýnunda baş keşp bolan Mapbagyň keşbini janlandyrýar. Bu keşp teatr muşdaklarynyň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolup, baýry teatra ýene-de bir ýaş zehiniň goşulandygy bildirýär. Şol keşpden soň teatryň režissýorlary öz sahnalaşdyrýan oýunlarynda oňa keşp yzyna keşp tabşyryp başlaýarlar.



Türkmenistanyň at gazanan artisti, şol wagtlar baýry teatrda režissýor bolup zähmet çekip ýören Aman Kömekow özbek ýazyjysy Seýit Ahmediň edebi eseri boýunça sahnalaşdyran «Gelinleriň gozgalaňy» atly gülküli sahna oýnunda Geldä ussa Bakynyň keşbini janlandyrmagy tabşyrýar. Şondan soň bolsa «Ýediň enesi» atly sahna oýnunda körpe ogluň keşbini janlandyrmagy tabşyrýarlar. Enäniň keşbini bolsa halk artisti Sona Myradowa janlandyrypdyr. Teatryň işini özleşdirip başlan Geldini 1994-nji ýylda şol wagtlar öňki Ýaş tomaşaçylar teatrynyň baş ýolbaşçysy Oraz Amangeldiýew ýanyna çagyryp, teatrda ýaş artistleriň ýetmezçilik edýändigini aýdyp, teatrda işlemegi teklip edýär. Oraz aga şol wagtlar «Şapak» atly täze sahna oýnuny sahnalaşdyryp başlan eken. Ol şol oýunda Geldä Hajy atly ýaş ýigidiň keşbini janlandyrmagy tabşyrýar.

Şol sahna oýnundan soň Geldä ýaşlar teatrynyň sahnasynda «Jelaletdin Soltan» spektaklynda soltanyň inisi Ozlag şanyň, «Müneçjim» spektaklynda Gurrandazyň, «Aýaz mamanyň agyryly dişi» atly erteki sahna oýnunda bolsa Böwenjigiň keşbini ussatlarça janlandyryp tomaşaçylara ýetirmek başardýar. Geldä bu teatryň sahnasynda Hommat Müllükow, Öwez Gelenow, Baýram Seýdullaýew, Nury Hudaýgulyýew, Şirli Mollaýew, Anna Meläýew, Döwlet Hanmämmedow, Berdi Aşyrow, Handurdy Berdiýew, Alty Sallandyýew ýaly halypa artistler bilen keşp janlandyrmak miýesser edýär. Ýeri gelende, Geldi Myratnazarowyň 2005–2008-nji ýyllar aralygynda ýurdumyzyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň baş ýolbaşçysy bolup işländigini hem ýatlap geçesim gelýär. Geldi aga diňe bir baş ýolbaşçy bolmak bilen çäklenmän, teatrda sahnalaşdyrylýan spektakllarda keşp janlandyrmakdan hem çetde durmandyr. Olardan «Garajaoglan», «Törebeg hanym», «Ykbal öwrümleri» atly spektakllardaky döreden keşplerini görkezmek bolar. Şondan soň Geldi Myratnazarowy öňki işläp gaýdan teatry bolan Ýaş tomaşaçylar teatrynda keşp janlandyrmak höwesi öz erkine goýmansoň, durky täzelenen Alp Arslan adyndaky ýaşlar teatryna barýar. Bu teatryň baş ýolbaşçysy Handurdy Berdiýew Geldini güler ýüz bilen garşy alyp, işe kabul edýär. Täze teatryň sahnasynda-da Geldä «Görogly» sahna oýnunda kyrk ýigitleriň biriniň, «Täze maşgala» sahna oýnunda Guwanç atly ýaş ýigidiň, «Amanat giýew» sahna oýnunda Halyl sopynyň, «Nurberdi han» sahna oýnunda Magtym işanyň keşplerini biri-birine meňzetmän janlandyrmak başardýar. 2011-nji ýylda toplan tejribesini talyp ýaşlara öwretmek maksady bilen Geldi Myratnazarow Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr sungaty fakultetiniň drama we kino aktýory bölüminde bilim alýan oglan-gyzlara sahna dili dersinden sapak berip başlaýar. Sahnada diliň arassa, düşnükli bolmagy, sesiň tomaşaçylar zalynyň yzky hatarlaryndaky tomaşaçylara-da ýetmegini gazanmak ussatlygyny özlerinde özleşdirmegi talyplara ündeýär, ýürekden çykan sözleriň ýürege baryp ýetende aktýoryň döredýän keşbiniň ynandyryjy bolýandygy, spektaklyň şowly çykmagy üçin sözleýşiň täsiriniň uludygyny öz tejribesinde talyp ýaşlara geçirip gelýär. Şu günki güne çenli Geldi mugallymyň sapak beren talyplary ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän medeniýet ojaklarynda halka hyzmat edip ýörler. Olaryň içinde hormatly atlara we Şa serpaýlaryna eýe bolanlary hem bar. Bu bolsa mugallym üçin uly abraý bolup durýar. Şu ýerde Geldi mugallymyň institutyň sahnasynda sahnalaşdyrylyp tomaşaçylara hödürlenen «Garajaoglan» atly mono spektaklda Garajaoglanyň keşbini ussatlarça janlandyrandygyny hem ýatlap geçesim gelýär.











Geldi Myratnazarow diňe bir pedagog bolmak bilen çäklenmän, eýsem, aýdym aýtmagyň hem ussadydyr. Onuň aýdan aýdymlary türkmen radiosynda ýaýlyma berlip dur. Onuň il içinde meşhurlyga eýe bolan «Kesearkajyň düzünde» atly aýdymy halk köpçüliginiň aňynda hemişelik galdy. Şol aýdymyň döreýşi hakynda Geldi Myratnazarow şeýle gürrüň berýär:

— Bu aýdymyň awtory Türkmenistanyň at gazanan artisti Şirli Mollaýew, sazyny ýazan bolsa Türkmenistanyň halk artisti Hakberdi Hudaýberdiýew. «Sumbar» studiýasy tarapyndan surata düşürilen «Garaşýaryn» atly film üçin niýetlenen bu aýdym filmiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. «Garaşýaryn» filmini Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Aşyr Rahmanow surata düşüripdi. Maňa Sahy Jepbarowyň aýdýan «Ak ýüzli Maralym», «Ak maýa gerek», «Näzli ýar», «Dilber», «Saňa düşdi nazarym» ýaly halk aýdymlaryny estrada geçirip ýerine ýetirmek we halk köpçüliginiň söýgüsini gazanmak hem miýesser etdi. Şonuň ýaly hem özümiň döredip ýerine ýetiren aýdymlarym bolan «Owadan sähra», «Görmän gitmäýin», «Aşyk men» ýaly aýdymlarym meni guwandyrýar, joşdurýar — diýip, Geldi aga buýsanç bilen gürrüň berdi.

Geldi Myratnazarow häzirki günlerde hem Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr sungaty fakultetiniň talyplaryna «aktýor ussatlygy» hem-de «sahna dili» sapaklaryndan tälim berip gelýär. Geldi Myratnazarowy halk köpçüligi Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde surata düşürilýän kinofilmler arkaly hem tanaýan bolsalar gerek. Bu barada Geldi Myratnazarow şeýle diýýär:

— 1983-nji ýylda Türkmenistanyň halk artisti, aktýor hem režissýor Baba Annanow maňa özüniň surata düşürýän filminde keşp janlandyrmagy tabşyrdy. Şol filmden soň maňa Türkmenistanyň halk artisti, kinorežissýor Ilmyrat Bekmiýewiň surata düşüren «Akpamyk», «Jadyly hünji hakynda erteki» atly filmlerinde, «Öwrümli ýollar» filminde, kinorežissýor Myrat Orazowyň «Hüýrlukga-Hemra», «Ependi», «Domrul» filmlerinde, şeýle-de ýaş zehinli kinorežissýor Batyr Batyrowyň «Hajygolak» filminde häsiýeti boýunça biri-birine meňzemeýän keşpleri janlandyrmak nesip etdi. Geljekde-de bar güýjüm, zehinim bilen türkmen kino sungatyna goşandymy goşaryn.

Geldi Myratnazarowyň bagtly, agzybir maşgalasy bar. Onuň ýanýoldaşy Gurbangül gelneje Alp Arslan adyndaky milli sazly drama teatrynda grimçi bolup zähmet çekýär. Olaryň üç perzendi, bir ogly, iki gyzy bar. Ogly Berdimyrat telekeçi bolup zähmet çekse, gyzy Maýsa Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde mugallymçylyk edýär. Beýleki gyzy Merjen bolsa Arkadag şäherinde zähmet çekýär. Geldi aga alty sany agtygyň bagtly atasy. Onuň üç ýaşlyja agtygy Bereketaly şu wagtdan atasynyň kärine höweslidigini duýdurýar. Geldi Myratnazarow 80 ýaşy arka atan käbesi Amangül enä guwanyp, kakasy Söýünmyrat agany ýatlap hem-de bagtly çagalaryna, agtyklaryna guwanyp eşretli durmuşyň hözirini görýär.

Biziň bilen bolan söhbetdeşlikde Geldi Myratnazarow medeniýet, sungat, döredijilik işgärleriniň sarpasyny belent tutýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman, il-ýurt ähmiýetli alyp barýan işleriniň rowaç bolmagyny arzuw etdi. Biz hem Geldi Myratnazarowy hormatly ady bilen gutlap, geljekde hem döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris.

**Resul HOJABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Bagtyýarlyk etrap komitetiniň partiýa guramaçysy.*


## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## Hormatly telekeçiler!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 27-nji awgustynda çykaran 2406 belgili «Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe taýdan goldamak hakynda» Kararyna laýyklykda ýeňillikli karzlardan peýdalanmaga çagyrýar.

**Telekeçilere karzlar şu aşakdaky tertipde hödürlenilýär:**

1. Milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillik döwri bolan 5 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karzlaşdyrylýar;

2. Taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillik döwri bolan 3 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karzlaşdyrylýar.

**Hormatly telekeçiler!** Bu karz hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-02-65**, (+993 12) **44-03-04**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.

Gazetiň kagyz nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nähili ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN international media

## Abuna – 2026

**«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.**

**Täzelikleri täzeligine okaň!**

